**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– ŞU ÝYL ONUNJY GEZEK GEÇIRILÝÄN MEDENIÝET HEPDELIGI ÝURDUMYZYŇ MEDENIÝET ULGAMYNY TÄZE ÖSÜŞLERE BESLEÝÄN, EZIZ WATANYMYZYŇ DÖREDIJILIK KUWWATYNY HAS-DA ARTDYRÝAN ÖZBOLUŞLY SUNGAT BAÝRAMYDYR.**


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
24-nji iýun, 2022. Belgisi 25/1487




## NEBITGAZ ULGAMYNDA TÜRKMEN–HYTAÝ HYZMATDAŞLYGY BERKEÝÄR

**20-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaýyň milli nebitgaz korporasiýasynyň prezidenti, dolandyryjylar geňeşiniň agzasy Hou Siszýuny kabul etdi.**

«CNPC-niň» ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hytaýly hyzmatdaşlaryň Türkmenistan bilen uzak möhletleýin özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gyzyklanma bildirýändiklerini tassyklady. HHR-iň işewür toparlary geljegi uly türkmen bazarynda orunlaryny berkitmäge çalyşýarlar hem-de ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler maksatnamalaryna, iri düzümleýin taslamalara işjeň gatnaşmaga taýýardyklaryny beýan edýärler.

Hormatly Prezidentimiz «Açyk gapylar» syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýän Bitarap Türkmenistanyň Hytaý bilen strategik häsiýete eýe bolan dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berýändigini nygtap, deňhukuklylyk, özara düşünişmek hem-de ynanyşmak ýörelgelerine we taraplaryň hoşmeýilli erkine esaslanýan netijeli döwletara gatnaşyklaryň häzirki döwürde täze many-mazmun bilen üstüniň ýetirilendigini belledi. Türkmen-hytaý hyzmatdaşlygy ugurlaryň giň gerimini, şol sanda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, logistika, senagat, tehnologiýalar, medeni-ynsanperwer ulgamlary öz içine alýar. Döwlet Baştutanymyz şular barada aýtmak bilen, ýangyç-energetika ulgamynda özüni ýurdumyzyň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde görkezen «CNPC-niň» köpýyllyk gatnaşyklardaky oňyn ornuny kanagatlanma bilen belledi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de HHR-iň iri korporasiýasynyň ýolbaşçysy bar bolan uly mümkinçilikleri nazara almak bilen, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşdylar. Şunda nebitgaz ulgamyndaky türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň netijeli döwletara gatnaşyklaryň ajaýyp nusgasydygy nygtaldy. Häzirki wagtda türkmen «mawy ýangyjynyň» Hytaýa iberilmegini üpjün edýän gaz geçirijisini gurmak boýunça amala aşyrylan bilelikdäki taslama bu hyzmatdaşlygyň miwesidir.

Taslama ähli gatnaşyjylaryň – önüm öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň hem-de sarp edijileriň bähbitlerini göz öňünde tutýan XXI asyryň bu ägirt uly taslamasy ählumumy durnukly ösüşiň möhüm şerti bolan sebit we dünýä energetika howpsuzlygynyň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow energiýa serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň pudaga iň gowy dünýä tejribesini hem-de öňdebaryjy tehnologiýalary çekmek arkaly milli ýangyç-energetika toplumyny döwrebaplaşdyrmak strategiýasyny yzygiderli durmuşa geçirýändigini belledi. Şunda gazyp alýan hem-de gaýtadan işleýän pudaklaryň kuwwatlyklaryny artdyrmak, diwersifikasiýalaşdyrylan turba geçiriji düzümleri kemala getirmek, içerki we daşarky bazarlarda uly isleg bildirilýän ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürýän innowasion önümçilikleri döretmek esasy wezipeler bolup durýar. Bularyň ählisi daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklar üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Hytaýyň milli nebitgaz korporasiýasynyň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyza «CNPC-niň» ýurdumyzda alyp barýan işleri barada habar berdi. «CNPC-niň» «Bagtyýarlyk» şertnamalaýyn çäginde uglewodorod ýataklaryny senagat taýdan özleşdirmäge hem-de dünýäniň iň iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» gaz känini enjamlaşdyrmaga işjeň gatnaşmagy netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň anyk mysalydyr. Şeýle hyzmatdaşlygyň esasynda türkmen tebigy gazy Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý gaz geçirijisi boýunça Hytaý Halk Respublikasyna iberilýär. Şunda «Galkynyş» gaz känini özleşdirmegiň ikinji tapgyry hem-de Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň dördünji şahasyny gurmak babatda ýokary derejede gazanylan ylalaşyklaryň möhümdigi bellenildi.

«CNPC-niň» ýolbaşçysy hormatly Prezidentimize Lebap welaýatynda «Gadyn» gaz ýygnaýjy bekediniň 18-nji iýunda geçirilen açylyş dabarasyna gatnaşandygy hem-de energetika ulgamynda döwletara gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly üns berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi. Bu ileri tutulýan ugurdaky hyzmatdaşlygyň iki ýurduň başlangyçlary – Hytaýyň öňe sürýän «Bir guşak – bir ýol» konsepsiýasy hem-de Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek boýunça amala aşyrýan strategiýasy bilen baglylykda uly geljeginiň bardygy bellenildi. Işewür hytaýly hyzmatdaşlaryň öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge örän çynlakaý hem-de jogapkärli çemeleşjekdiklerine ynandyrdy hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, döwlet Baştutanymyza, şeýle-de Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hem-de «CNPC-niň» ýolbaşçysy umumy abadançylygyň maksatlaryna kybap gelýän köpýyllyk, ikitaraplaýyn özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.

Duşuşyga Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçen hem gatnaşdy.

## MEDENIÝET HEPDELIGI – 2022 DOWAM EDÝÄR

**Mary welaýatynda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli her ýyl geçirilmegi asylly däbe öwrülen Medeniýet hepdeligi dowam edýär. Milli medeniýeti gorap saklamaga, içgin öwrenmäge hem-de wagyz etmäge gönükdirilen bu giň gerimli çäre medeniýetimiziň döwletiň we jemgyýetiň ösüşinde eýeleýän, barha artýan ähmiýetli ornuny, parahatçylyk dörediji kuwwatyny açyp görkezýär.**



Indi onunjy gezek geçirilýän bu çäre umumadamzat gymmatlyklarynyň genji-hazynasyna saldamly goşant goşan halkymyzyň taryhy-medeni mirasynyň köp görnüşliligine doly derejede düşünmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýän hepdelik döredijilik işgärleriniň hünär derejeleriniň ýokarlanmagyna, täze zehinleriň ýüze çykarylmagyna ýardam edýär. Türkmen medeniýetiniň, sungatynyň, edebiýatynyň bu baýramy ähmiýetli waka bolup, Garaşsyz türkmen döwletiniň iň täze taryhynda mynasyp orun eýeledi.

Giň gerimli medeni forum her ýyl ýurdumyzyň sebitleriniň birinde geçirilip, onuň dowamynda her welaýat öz ýeten sepgitlerini, Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň ösüşine goşan goşandyny, döredijilik kuwwatyny açyp görkezmäge çalyşýar.

Şu gezekki Medeniýet hepdeliginiň Mary welaýatynda geçirilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Welaýatyň çäklerinde, ata Watanymyzyň beýleki künjeklerinde hem bolşy ýaly, halkymyzyň gadymy taryhy we binagärlik ýadygärlikleri, ajaýyp tebigy künjekler bar.



Medeniýet hepdeligi – 2022-niň açylyş dabarasy Mary şäherindäki Ruhyýet köşgüniň öňündäki meýdançada geçirildi. Bu ýere Hökümet agzalary, ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň, welaýat we şäher häkimlikleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, hormatly ýaşulular, Mary şäheriniň ýaşaýjylarydyr myhmanlary ýygnandylar.

Foruma gatnaşýan wekiliýetleriň hatarynda ýurdumyzyň ähli sebitlerinden tanymal teatr artistleri, estrada we halk aýdymçylary, muzeý, kitaphana işiniň hünärmenleri, sazandalar, suratkeşler, ýazyjy-şahyrlar, döredijilik hem-de folklor toparlary bar.

Bu ýerde halkymyzyň baý medeni mirasy barada gürrüň berýän sergi ýaýbaňlandyrylyp, onda amaly-haşam, nakgaşçylyk sungatynyň önümleri, halk senetçiligi ussalarynyň işleri, milli lybaslar, şaý-sepler, saz gurallary, türkmen halkynyň durmuşda ulanýan hojalyk esbaplary görkezildi.

Ruhyýet köşgüniň zalyna ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Gutlagyny uly üns bilen diňlediler. Gutlagda: «Gahryman Arkadagymyzyň halkymyza serpaý beren bu sungat baýramy medeniýet we sungat, döredijilik işgärlerini ylham dünýäsine ganatlandyrýar, täze, kämil eserleri döretmäge ruhlandyrýar. Medeniýet hepdeliginiň dowamynda guraljak medeni-köpçülikleýin çäreleriň her biri ýurdumyzyň medeniýet edaralarynyň alyp barýan işlerini kämilleşdirmekde, sungat ussatlarynyň özara tejribe alyşmaklarynda, ilatyň medeni aň-bilim derejesini ýokarlandyrmakda, bu ulgamdaky ösüşlerimizi giňden wagyz etmekde möhüm ähmiýete eýe bolar» diýlip bellenilýär.

Dabara sungat ussatlarynyň, dürli döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri – ýaş ýerine ýetirijileriň, meşhur saz toparlarynyň çykyşlary bilen dowam etdi. ■ 2

## Köňülleriň we döwürleriň akyldary

Bagtyýar türkmen halky bu gün beýik akyldar, şirin dilli söz ussady Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasynda – berkarar döwletde ýaşamak bilen, nusgawy şahyryň döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýýar. 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bellenilmegi hem muňa mysal bolup bilýär.



Magtymguly Pyragynyň eserleriniň dürli dillere terjime edilmegi, dürli ýurtlarda ýadygärliginiň dikeldilmegi, edebi mirasynyň öwrenilmegi üçin hem uly tagalla edilýär. Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy dabaraly bellenip geçildi. Onuň çäginde «Magtymguly – köňülleriň küýsegi» atly halkara ylmy maslahaty guraldy. ■ 3

## Sagdyn nesil – bagtyýar geljek

Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr!» ýörelgeleriniň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Bu ýörelgelerden ugur alnyp, ýurdumyzyň ähli ýerinde raýatlaryň saglygyny berkitmek ugrunda uly tutumlar durmuşa geçirilýär. Saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleriniň zähmet şertleri ýeňilleşdirilýär, her bir şäherde, obada, etrapda ýerleşýän Saglyk öýleri, lukmançylyk edaralary ösen lukmançylyk tehnologiýalary bilen üpjün edilýär.



Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda gazanylýan öňegidişlikler halkymyzyň sagdynlygyna we ruhy galkynyşyna berilýän ýokary ünsüň aýdyň beýanydyr. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzda ýaş nesilleriň beden hem ruhy taýdan sagdyn ösmegi, ildeşlerimiziň saglygy babatda uly aladalar edilýär. ■ 3

### Afrikanyň öňdebaryjy ýurtlary

Adam başyna düşýän jemi içerki önüm, belli bir ýurduň raýatlarynyň ortaça nähili ýaşaýandyklary barada düşünje berýänligi sebäpli, ýurduň baýlygynyň esasy görkezijilerinden biridir. ■ 4

### Dünýäniň iň uly balyklary

Golaýda Kambojada agramy 300 kilograma golaý bolan, uzynlygy 4 metre ýetýän balyk tapyldy. ■ 5

### Ilkinji çempion – Urugwaý

Futbolyň iň uly bäsleşigi bolan Dünýä Kubogy ilkinji gezek 1930-njy ýylda geçirilip, onda ýer eýesi Urugwaý çempion bolýar. ■ 6

### Ildeşimiz dünýäniň wise-çempiony boldy

Meksikanyň Leon şäherinde geçirilen agyr atletika boýunça ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionatynda ildeşimiz kümüş medal gazandy. ■ 7

## Eweresti̇ň esasy lageri göçüriler



Ewerest dagyna dyrmaşmak isleýänleriň düşelgeleriniň biri bolan esasy lageriň (Base camp) ýeriniň üýtgediljekdigi mälim edildi. Nepalyň Hökümeti Khumbu buzlugynyň ereýändigini göz öňünde tutup, lageri başga ýere göçürmek kararyna geldi. Howanyň global maýylganlygy buz gatlagynyň eremegine getirýär hem-de garyň uly böleginiň daga dyrmaşyjylaryň üstüne togalanyp gaýtmak howpuny döredýär. Ewereste dyrmaşýanlaryň esasy düşelgesi bolan, 5 müň 364 metr belentlikde ýerleşýän bu lagerde her ýylky möwsümde 1 müň 500 töweregi adam düşleýär. Täze teklibi orta atan geňeşiň agzasy Khimlal Guatam metbugata beren beýanatynda bu ýerde düşleýänleriň nahar bişirmeginiň we ýylynmak üçin ýangyç ýakmagynyň buzlugyň eremegine täsiriniň bardygyny belledi. Bu barada berlen beýanatda lageriň täze ýeriniň häzirkiden 200-400 metr aşakda, Khumbu buzlugynyň daşynda boljakdygy mälim edildi. Lageriň ýeriniň üýtgedilmegi bilen bagly ýerli halk bilen gepleşikleriň geçiriljekdigi hem-de 2024-nji ýyla çenli göçüriljekdigi mälim edildi.

Dünýäniň iň beýik dagy bolan Ewerest Nepal bilen Hytaýyň araçäginde ýerleşýär. Dagyň çür depesine iki tarapdan hem baryp bolýar.

## Uzak aralyga niýetlenen täze uçar



**«Airbus» kompaniýasy A321XLR atly bir koridorly ýolagçy uçarynyň ilkinji synag uçuşyny amala aşyrdy. Ilkinji uçuşy şowly tamamlanan uçaryň 2024-nji ýylda önümçilige goýberilmegine garaşylýar. A321XLR (extra Long Range) uçarynyň dört ýarym sagatdan gowrak dowam eden uçuşynda uçuşa gözegçilik ulgamy, motorlary we beýleki enjamlary pes we ýokary tizlikde barlanyp görüldi. Germaniýanyň Gamburg howa menzilinden amala aşyrylan uçuşa uçarmanlardan başga-da inženerler hem gatnaşdylar. Täze uçaryň her orun üçin 30 göterim az ýangyç sarp edýändigi, ýangyç bilen bir gezek doldurylanda 8 müň 700 kilometr ýol geçip, 11 sagat uçup bilýändigi mälim edildi. 180-220 orunlyk uçardan eýýäm 500-iniň sargyt edilendigi aýdyldy.**

**Kompaniýanyň iň uly bäsdeşi bolan «Boeing» bu uçaryň deňeçerini öndürjekdigi barada häzire çenli maglumat bermedi.**

## Wodorod – elektrik ýangyçly uçarlar öndüriler



«ZeroAvia» kompaniýasy uçarlary kärendesine berýän «Monte» kompaniýasynyň uçarlaryny wodorod-elektrik kuwwatlandyryjy enjam bilen üpjün eder. «Monte» 2024-nji ýyla çenli 5-20 orunlyk uçarlar üçin gaz halyndaky wodorod bilen işleýän kuwwatlandyryjylary satyn alar. Jemi 100 sany kuwwatlandyryjy «Cessna Caravan», «DHC-6 Twin Otter», «Dornier 228» we «HAL-228» uçarlaryna oturdylar. «ZeroAvia» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Jeýms Pek bu hyzmatdaşlygyň awiakompaniýalara nol uglerodly uçuşlary amala aşyrmaga hem-de uçarlary has uzak wagt ulanmaga mümkinçilik berjekdigini aýtdy.

Kompaniýa wodorod ýangyjy bilen işleýän kiçi göwrümli uçarlar üçin hereketlendirijileri işläp taýýarlaýar.

# MEDENIÝET HEPDELIGI – 2022 DOWAM EDÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### HALKARA MEDIAFORUM GEÇIRILDI

Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde «Mary» myhmanhanasynda utgaşykly görnüşde halkara mediaforum geçirildi. Ol milli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini hem-de ýurdumyzda işleýän daşary ýurtly žurnalistleri, jemgyýetçilik işgärlerini, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlar toparyny bir ýere jemledi. Oňa gatnaşyjylaryň hatarynda Russiýanyň «ITAR-TASS» habarlar agentliginiň baş direktorynyň birinji orunbasary Mihail Gusman, Aziýa – Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşiginiň (ABU) Baş sekretary Jawad Mottagi, «Russia Today» teleýaýlymynyň baş direktory Alekseý Nikolow, «TRT-niň» Türkmenistandaky wekili Ugur Sami Gezer, «Azerbaýjanyň telewideniýesi we radiosy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň başlygynyň orunbasary Rafik Gaşymow we beýlekiler boldy.

Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde ilkinji gezek geçirilýän mediaforumyň esasy meselesi halkara hyzmatdaşlykda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň eýeleýän orny baradaky mesele boldy. Şeýle hem gün tertibine ösüşlere beslenen özgertmeler syýasatynda ata Watanymyzyň medeniýetiniň we sungatynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň eýeleýän orny, ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärliklerini wagyz etmek, halkymyzyň baý mirasyny geljekki nesillere ýetirmek, milli ruhy we ahlak däpleriniň hem-de maşgala gymmatlyklarynyň dowamatlylygy baradaky meseleler girizildi.

Foruma sanly ulgam arkaly Aziýa – Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşiginiň (ABU), TASS-nyň, «CGTN-Russian» hytaý mediakorporasiýasynyň, «Korean Broadcasting System», «Sony Middle East and Africa FZE» kompaniýalarynyň, Türkiýäniň «TRT World» teleýaýlymynyň, «Russiýa 24», «Russia Today» habarlar teleýaýlymlarynyň, «Setanta Sports», «Mir» halkara telekompaniýalarynyň



wekilleri we beýlekiler goşuldylar.

Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, Türkmenistan gazanylan köp sanly hökümetara ylalaşyklaryň esasynda dünýäniň iri ugurdaş düzümleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly halkara mediagiňişlige işjeň goşulyşýar. Munuň şeýledigine soňky ýyllarda dürli ýurtlaryň öňdebaryjy habarlar agentlikleri we teleradio kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk etmek hakynda gol çekilen ylalaşyklardyr ähtnamalar, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Aziýa – Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşigine agza bolmagy aýdyň şaýatlyk edýär.

### GÜNORTA SEBITIŇ ÝAŞAÝJYLARYNA ÝATDAN ÇYKMAJAK SOWGATLAR

Günüň ikinji ýarymynda Mary welaýat kitaphanasynda «Arkadagyň dowamaty dowamdyr» ady bilen iş maslahaty we şygryýet agşamy geçirildi.



Oňa medeniýet we bilim işgärleri, kitaphana işiniň hünärmenleri, şahyrlardyr ýazyjylar, žurnalistler gatnaşdylar. Maslahatyň we döredijilik agşamynyň çäklerinde, ruhy mirasy gorap saklamak, ony dünýäde giňden wagyz etmek, döwrebap derejede medeni aň-bilim işlerini guramak barada gyzyklanma bildirilip, pikir alşyldy.

Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň sahnasynda ýurdumyzyň wäşileriniň çykyşlary döredijilik maksatnamasynyň dowamy boldy.

Şeýle giň gerimli çäreleri geçirmek üçin uly tehniki mümkinçiliklere eýe bolan «Türkmeniň ak öýi» binasy hem bir hepdeläp ýurdumyzyň döredijilik toparlarynyň çykyş etjek ýerine öwrüler. Bu ýerde Aşgabadyň we Ahal welaýatynyň sungat ussatlarynyň konserti boldy.

Döredijilik forumynda ilkinji gezek hödürlenilýän çykyşlar günorta sebitiň ýaşaýjylaryna ýatdan çykmajak sowgat bolar. Medeniýet hepdeligi – 2022-niň çäklerinde meşhur ýerine ýetirijileriň we ýaş zehinleriň konsertleri, çeki-



len suratlaryň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, fotosuratlaryň we neşir önümleriniň sergileri, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň düşüren kinolarynyň görkezilişleri, usulyýet maslahatlary, wideomaslahatlar, ylmy we edebi duşuşyklar guraldy.

Meýilleşdirilen çäreler ýurdumyzyň medeniýetiniň köptaraplylygyny görkezdi. Ol bolsa türkmen halky tarapyndan ençeme ýüzýyllyklaryň dowamynda döredilen baý mirasy gorap saklamak, täzeden dikeltmek hem-de ählitaraplaýyn öwrenmek maksady bilen, onuň mundan beýläk-de baýlaşdyrylmagyny we geljekki nesillere ýetirilmegini kesgitleýär.

## Tolkun-ýel energiýa beketleri gurlar

«CorPower Ocean» kompaniýasy tolkundan elektrik energiýasyny alýan beketler üçin täze enjam oýlap tapdy. Bu enjamlar kenardan uzakdaky ýel beketleri bilen bilelikde ulanylar. «CorPower C4» enjamy «HiWave-5» atly taslamanyň çäklerinde şu ýylyň dowamynda Portugaliýanyň Agusadora etrabyna golaý ýerde oturdylar.

«CorPower Ocean» gaýtadan dikeldilýän energiýa önümçiliginde tolkun energiýasynyň ykdysady taýdan ýel we Gün beketleri bilen bäsdeşlik edip bilinjek derejä çykarylmagy üçin iş alyp barýar. 10-20 MW kuwwatly «CorPack» atly enjamlaryň aşagy ýogyn bolup, suwuň tolkunynyň hereketi arkaly energiýa öndürýär. Berk we ýeňil materialdan bolan bu önümi gysga wagtda köp mukdarda öndürip bolýar. Oturtmak hem aňsat bolan bu enjamlary ýel beketleri bilen sazlaşykly ulanyp bolýar.

Portugaliýanyň EDP we «ENEL Green Power» bilen hyzmatdaşlyk edýän «Simply Blue Group» toparynyň ýolbaşçysy Sam Rok-Perks Atlantik ummanynyň ägirt uly güýjünden peýdalanmagy, kenardan uzakda ýüzýän ýel we tolkun tehnologiýasyny howany hapalamazdan elektrik energiýa-



syny öndürmek üçin birleşdirmegi maksat edinýändiklerini, munuň örän tolgundyryjy ýagdaýdygyny aýdýar.

Portugaliýa Gün, ýel we tolkun ýaly howany hapalamazdan elektrik energiýasyny almaga mümkinçilik berýän tebigy çeşmelere baý.

**Bahargül LALLYKOWA,**
*«Ahaltelekom» welaýat elektrik aragatnaşyk kärhanasynyň Babadaýhan etrap bölüminiň hünärmeni.*

## Ekologiýa abadançylygyna bagyşlanan ylmy maslahat

Düýn paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Uglewodorod serişdelerini çykarmagyň ekologiýa jähtleri» atly Halkara ylmy maslahat geçirildi. Halkara forumyň guramaçylary hökmünde «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleri hem-de «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy «Turkmen Forum» we «GaffneyCline» britan kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda çykyş etdiler.

Adaty hem-de onlaýn tertipde geçirilen ylmy maslahatyň mejlislerinde dürli halkara guramalaryna we dünýäniň öňdebaryjy nebitgaz kompaniýalaryna wekilçilik edýän otuzdan gowrak adam çykyş etdi. Olaryň arasynda milli we daşary ýurt nebitgaz kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, energetika guramalarynyň ýokary derejeli wekilleri, şeýle hem milli we halkara institutlaryň we ylmy-barlag merkezleriniň wekilleri bar.

Forumyň mejlisleri «Uglewodorod serişdelerini özleşdirmegiň ekologik taraplary we täze döwrüň energiýasyna geçiş», «Wodorod – geljegiň ýangyjy», «Zyňyndylary doly aýyrmak we monetazasiýa üçin metan we uglerod zyňyndylaryny azaltmak», «Ekologiýa we howa boýunça maliýeleşdirmegiň täze müm-



kinçilikleri hem arassa energiýany ösdürmekdäki başlangyçlar» ady bilen geçirilip, edilen çykyşlarda bu ugurda iş alyp barýan bilermenler degişli mowzuklarda maglumat berdiler.

Maslahatyň guramaçylary ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň öňünde duran ekologiýa meselelerini maslahatlaşmak, iri nebitgaz institutlary bilen daşky gurşaw boýunça iş alyp barýan halkara guramalaryň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmek maksady bilen bu çäräni her ýylda geçirmegi meýilleşdirýärler.

## Tomus pasly üçin maslahatlar

Tomus möwsüminde howanyň aşa gyzmagy raýatlaryň özüni alyp barmagynda käbir kadalary berjaý etmekligi talap edýär. Gartaşan we dowamly keselleri bolan adamlara, kiçi ýaşly çagalara howanyň aşa gyzan mahalynda daşaryk gezelenje çykmak maslahat berilmeýär. Irden sagat 9:00-a çenli we öýlän howanyň salkynlaşan mahalynda - 18:00-dan soň möwsüme görä geýinmek (nah matadan tikilen açyk reňkli eşikleri), Günüň ýiti şöhlesinden goranmak üçin başgap geýmek, ýaglyk daňynmak, saýawan götermek, gözleri goraýan gara äýnek dakynmak, ýanyňyz bilen arassa suw almak maslahat berilýär.

Daşardan gyzyp, derläp gelip, salkyn öýe girilende çyg eşigiňi çalyşmagy ýatdan çykarmaly däl, howa serginledijiniň öňünde ýüzüňi, döşüňi tutup durmakdan, daşardan gyzyp gelip, sowadyjyda duran sowuk suwy içmekden, sowuk suwuň aşagyna girmekden saklanmaly.

Günüň dowamynda kadaly iýmitlenmeli, diňe bir gezek iýmek üçin taýynlanan däneli, kösükli iýmit önümlerinden gaýnadylyp, buglanyp bişirilen gyzgyn naharlary iýmeli. Iýmitde gök önümler we miweler agdyklyk etmeli, gerekli mukdarda 2-2,5 litre çenli arassa agyz suwuny günüň dowamynda içmeli.

Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmeli, öýüň içinde we iş



ýerlerinde arassalaýyş işlerini geçirip durmaly. Otagyň penjiresini wagtal-wagtal açyp, ýelejiredip, howasyny çalşyp durmaly.

Iýmit galyndylaryny, plastiki gaplary ýörite niýetlenen ýerlere taşlamaly. Bu düzgünleri çagalarymyza-da öwredip, endik etdirmeli.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

## Maýa goýumynyň mukdaryny artdyrar

Tehnologiýanyň ösmegi çiplere bolan islegi görnetin ýokarlandyrýar. Şeýle bolansoň ýarymgeçiriji öndürýän kompaniýalar maýa goýumlaryny artdyryp, täze desgalary gurýarlar. Bu ugurda dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň arasyndaky bäsdeşlik gyzyşýar. Taýwanyň TSMC kompaniýasy umumy mukdary 120 milliard dollar bolan täze maýa goýum taslamasyny taýýarlady. Taslamanyň çäklerinde Taýwanda her biriniň bahasy 10 milliard dollar bolan dört sany önümçilik desgasy gurlar. «Nikkei Asia» neşiriniň habaryna görä, bu desgalaryň ählisinde ösen 3nm çipler öndüriler.

Golaýda «Samsung» kompaniýasy bu pudaga 355 milliard dollar maýa goýum gönükdirjekdigini mälim edipdi. Bu iki kompaniýa hem şu ýylyň dowamynda 3nm çipleriň önümçiligine başlamagy maksat edinýär. 2025-nji ýylda bolsa 2nm çipleriň önümçiligi ýola goýlar. «Samsung»-yň 3nm GAA tehnologiýasy arkaly öndürilen çipiň ölçegi 35 göterim kiçi bolup, ozalky nesle degişli çipden 30 göterim güýçli bolar.

Häzirki wagtda bu iki kompaniýa öz enjamlarynda 4nm çipleri ulanýan AMD, «Apple», «Nvidia», «Qualcomm» we «MediaTek» ýaly tehnologiýa kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga çalyşýar.



Ýeri gelende bellesek, soňky wagtlarda ABŞ, Ýaponiýa we Ýewropa ýurtlary ýarymgeçiriji bazaryndan has köp paý almak üçin hususy kompaniýalar üçin hödürleýän ýeňilliklerini artdyrdylar. Ispaniýada we Germaniýada täze zawodlaryň guruljakdygy mälim edilen bolsa, Ýaponiýa bilen ABŞ 2nm çipleriň önümçiligini ýola goýmak üçin taslama taýýarlaýar.

## 5G abunaçylarynyň sany milliarddan geçer

**Aragatnaşyk enjamlaryny öndürýän «Ericsson» kompaniýasynyň taýýarlan maglumatyna görä, şu ýylyň ahyryna çenli dünýäde 1 milliard abunaçy 5G hyzmatyndan peýdalanyp başlar. 2027-nji ýylda bu görkezijiniň 4,4 milliarda ýetmegine garaşylýar. Şwed kompaniýasynyň telekommunikasiýa pudagyna degişli taýýarlan «Ericsson Mobilite» atly maglumatynda 5G, mobil maglumatlar we jisimleriň interneti (IoT) barada habar berilýär. Maglumatnamada mobil maglumatlaryň geçirilişi soňky iki ýylyň dowamynda iki esse artypdyr. Munuň sebäbi hökmünde smartfon ulanylyşynyň köpelmegi, internet tizliginiň ýokarlanmagy we senagatyň sanly ulgama geçmegi görkezilýär. Geçirilen barlaglar bu artyşyň dowam etjekdigini görkezýär. «Ericsson»-yň çaklamasy dogry çykan ýagdaýynda dünýä ilatynyň dörtden bir bölegi internet aragatnaşygynyň 5-nji**




**neslinden peýdalanar. Şu ýylyň birinji çärýeginde 5G abunaçylarynyň sany 70 million köpelipdir. Maglumatnamada bellenilişine görä, 2027-nji ýylda dünýä ilatynyň dörtden üçüne 5G hyzmaty elýeterli bolar. Demirgazyk Amerikada 5G hyzmatyna elýeterlilik geçen ýyl 20 göterim bolan bolsa, 2027-nji ýylda 90 göterime ýetmegine garaşylýar. Günbatar Ýewropada 6 göterim bolan bu görkeziji ýene-de 5 ýyldan 82 göterime ýeter. Degişli döwürde bu görkeziji Aýlag ýurtlarynda 9 göterimden 80 göterime, Demirgazyk-Gündogar Aziýa ýurtlarynda 74 göterime ýeter. Häzirki wagtda 5G hyzmaty ýola goýulmadyk Hindistanda 2027-nji ýyla çenli abunaçylaryň 40 göterimi 5G-li bolar. 2027-nji ýylda 4,4 milliard adam 5G hyzmatyndan peýdalanar.**

**Maglumatnamada 2021-nji ýylda Jisimleriň internetiniň 4G we 5G-de ulanylyşynyň 2G we 3G-den geçendigi mälim edildi.**

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 24-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109638
Belgisi: 25/1487
Tiražy: 4057
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# SAGDYN NESIL – BAGTYÝAR GELJEK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Muňa Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda gurlup ulanylmaga berlen Saglyk öýleriniň, bejeriş-öňüni alyş hassahanalaryň, şypahanalaryň sanynyň geljekde has-da artdyryljakdygy barada hormatly Prezidentimiziň aýdanlary aýdyň mysaldyr.

Döwletiň we jemgyýetiň baş baýlygy hasaplanylýan adam hakdaky alada amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň, giň gerimli maksatnamalaryň we taslamalaryň esasyny düzýär. Sport we sagdyn durmuş ýörelgesi bolsa adamlara öz mümkinçiliklerini açyp görkezmäge ýardam edýär.

Türkmenistan tebigaty goramak baradaky halkara resminamalara goşulmak bilen, daşky gurşawy goramak hem-de sagdyn durmuş ýörelgesini giňden ornaşdyrmak boýunça netijeli işleri geçirýär. Bu işleriň netijeleri Watanymyzyň sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy hökmündäki halkara abraýyny artdyryp, Diýarymyzda adamyň saglygyna nä-derejede uly ünsüň berilýändigini görkezýär.

Türkmenistanda bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmäge, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreler hormatly Prezidentimiziň üns merkezinde durýar. Şeýle çäreleriň dabaralandyrylmagyna öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen sport maksatly desgalaryň sanynyň ýylsaýyn artýandygy, döwrebap sport düzüminiň kemala gelendigi mümkinçilik berýär.

Diýarymyzda bedenterbiýe-sagaldyş we sport işleriniň ählumumy häsiýete eýe bolmagy döwletiň we jemgyýetiň sazlaşygynyň birleşmeginiň netijesidir. Sebäbi raýatlarymyz sportuň saglyk üçin örän peýdalydygyna oňat düşünýärler. Şonuň üçin hem Sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy bolan Türkmenistan sagdyn durmuş ýörelgesini, bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge, wagyz etmäge gönükdirilen ädimleri babatda görelde bolup durýar.

Ýurdumyzda köpçülikleýin sportuň ösdürilmegi, oňa jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň, aýratynda, ýaşlaryň işjeň çekilmegi ugrunda zerur tagallalar edilýär. Sport çäreleriniň yzygiderli häsiýete eýe bolmagy ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäniň we ýokary netijeli sportuň belent derejelere





çykmagynyň baş şertini emele getirýär. Bu bolsa saýlap alan ugry boýunça ussatlyk derejesine ýetýän türgenleriň sanynyň artmagyna ýardam edýär.

Ildeşlerimiziň saglygyny dikeltmekde, berkitmekde şypahanalar ähmiýetli orna eýe. Döwrüň talabyna laýyk enjamlaşdyrylan şypahanalarda bejeriş işlerinde milli hem-de häzirki zaman usullarynyň ulanylmagy raýatlaryň doly derejede dynç almagyna we saglygyny dikeltmäge mümkinçilik berýär.

Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hereket edýän şypahana-sagaldyş merkezleri, myhmanhanalar raýatlarymyzyň dynç alýan, saglygyny berkidýän ýeriniň birine öwrüldi.

«Awaza» şypahanasynyň bejeriş şypahana zolagynyň ýodly suwy, howasy esasy tebigy baýlygydyr. Deňiz suwy ýokary hilli duzy, ýody, bromy bilen jana lezzet berýär. Ýurdumyzyň ekologiýa taýdan arassa şypahanalary saglygymyzyň tebigy çeşmesidir. Innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy olaryň hyzmatlarynyň hilini, derejesini has-da ýokarlandyrýar. Häzirki döwürde şypahana ulgamynda raýatlara edilýän hyzmatlaryň hili dünýä derejesine ýetirildi hem-de olaryň ykdysady netijeliligi ýokarlandyryldy.

Türkmenistan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny tapgyrlaýyn amala aşyryp, ilatyň saglyk ýagdaýyny ýokarlandyrmak boýunça strategiýany durmuşa geçirmek bilen, keselleriň köp görnüşinden azat boldy. Adam bedeninde demir ýetmezçiligi sebäpli ýüze çykýan keselleriň öňüni almak maksadyndan ugur alnyp, Türkmenistanda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde, uny demir bilen baýlaşdyrmak we duzy ýodlaşdyrmak boýunça birnäçe taslamalar durmuşa geçirildi. Türkmenistan gyzamyk we gyzylja kesselleriniň ýok edilen ýurdy hökmünde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebitleýin býurosynyň halkara güwänamasyna eýe boldy.

Ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnama-

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

nyň çäklerinde saglygy goraýyş ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ilatyň ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün edilmegine, oňa ählumumy elýeterliligiň ýola goýulmagyna şert döredýär. Munuň özi ýurdumyzyň raýatlarynyň saglygyny berkitmäge, ömür dowamlylygyny has-da artdyrmaga mümkinçilik berýär. Netijede, häzirki döwürde eziz Diýarymyzda oba we şäher ilatyna lukmançylyk hyzmatynyň hil tapawudy düýpli azaldy. Çünki ulanylmaga berilýän saglygy goraýyş edaralarynyň ählisi öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary hem-de ýokary derejede takyklaýjy abzallar bilen üpjün edildi. Milli lukmançylyk ulgamyna näsaglary bejermegiň, keselleriň öňüni almagyň, saglygy dikeltmegiň 30-dan gowrak täze usuly ornaşdyryldy.

Ýurdumyzda uly ösüşlere eýe bolýan saglyk ulgamynda gazanylýan üstünlikler, bejeriş-öňüni alyş hyzmatlary we derman senagatynda ýetilen täze sepgitler daşary döwletleriňdir halkara guramalaryň hem ünsüni özüne çekýär. Saglygy goraýyş ulgamynda dürli keselleri öz wagtynda anyklamak we bejermek işleri güýçlendirilýär, sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak, bedenterbiýäni we sporty giňden wagyz etmek üçin zerur şertler döredilýär. Maşgalanyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemekde halkymyza mahsus bolan maşgala gymmatlyklarynyň wagyz edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Bularyň ählisi halkymyzyň buýsançly başyny has-da belende göterýär.

**Amangeldi HOMMAKOW,**
*Baýramaly etrap hassahanasynyň terapiýa bölüminiň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.*

# KÖŇÜLLERIŇ WE DÖWÜRLERIŇ AKYLDARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýurdumyzda we daşary ýurtlarda şahyryň durmuş we döredijilik ýoluna, onuň eýýamyna bagyşlanyp geçirilen köp sanly çäreler, şeýle hem täze ylmy barlaglar, türkmen nusgawy şahyrynyň eserleriniň dünýäniň halklarynyň köpüsiniň dillerine terjime edilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýä medeniýetiniň buýsanjy bolan beýik söz ussadymyzyň şahsyýetine we mirasyna gyzyklanmany artdyrdy. Mundan başga-da, şahyryň dogduk mekanynda, onuň adyny buýsanç bilen göterýän etrabynda Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumynyň hem-de muzeýiň açylandygyny bellemelidiris.

Şahyryň öňki ýubileý toýlary bilen baglanyşykly giň göwrümli wakalara ser salanymyzda beýik işleriň amala aşyrylandygyna göz ýetirýärsiň. Häzire çenli Magtymguly Pyragynyň döredijiligine, onuň baý mirasyna sarpanyň alamaty bolan ýokary derejedäki işler edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň Magtymgulynyň 290 ýyllyk ýubileýini belläp geçmek hakyndaky Kararyndan soň, 2012-nji ýylda türkmeniň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllyk ýubileýine bagyşlap, Baku şäherinde halkara ylmy–amaly maslahaty geçirildi. Bu halkara ylmy–amaly maslahata Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň alymlary hem gatnaşdy. Azerbaýjanly doganlarymyz Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň 300-den gowrak goşgusyny azerbaýjan diline geçirip, kitap neşir etdiler.

2012-nji ýylyň noýabrynda Birleşen Arap Emirliklerinde Gündogaryň beýik akyldaryna bagyşlap, ylmy–amaly maslahat geçirilip, Pyragynyň 300-e ýakyn goşgusyny arap dilinde kitap edilip çykaryldy. Birleşen Arap Emirliklerinde geçirilen ylmy–amaly maslahata Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň alymlaryndan düzülen döwlet topary hem gatnaşdy.

Häzire çenli Magtymgulynyň goşgulary azerbaýjan, arap, ermeni, pars, gazak, iňlis, ispan, nemes, hytaý, koreý, belarus, täjik, gruzin, ýapon, rumyn, ukrain, özbek, gyrgyz, türk, rus ýaly dünýäniň ýigrimiden gowrak diline terjime edilip, dürli halklaryň giň okyjylar köpçüligine ýetirildi.



Türki dilli halklaryň medeni–ruhy birleşigi bolan TÜRKSOÝ halkara guramasynyň Karary bilen 2014-nji ýyl Magtymguly Pyragynyň ýyly diýlip yglan edildi. Beýik akyldarymyzyň heýkeli bolsa dünýäniň 30-a golaý ýurdunda owadan seýilgähleri, belent binalaryň öňüni bezeýär. Bu bolsa dünýäniň türkmen akyldaryna goýýan uly hormatynyň aýdyň mysalydyr.

Gündogaryň görnükli şahyr-filosofy, türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-nji ýylda belleniler. Häzirki wagtda bu ýubileýe taýýarlyk işleri eýýäm başlandy. Bu Magtymgulynyň döredijiliginiň gerimi we onuň türkmeniň ruhy durmuşyndaky orny bilen baglanyşyklydyr. Çünki şahyr hemişe türkmeniň pikirlerini we umyt-arzuwlaryny beýan edip, pähim-paýhasyň we ýokary ahlagyň nusgasy saýylypdyr. Watan söýgüsine, agzybirlige we doganlyga çagyryş edýän türkmen halkynyň beýik oglunyň şahyrana setirlerinde beýan edilýän çuňňur pikirler diňe bir türkmeniň ýüreginde däl, eýsem, beýleki halklaryň wekillerinde-de ýaňlanýar.

2024-nji ýylda geçiriljek türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrynyň şanly senesi mynasybetli birnäçe çäreleri amala aşyrmak meýilleşdirilýär. Hususan-da, bütin adamzadyň altyn genji-hazynasyna giren Magtymguly Pyragynyň baý edebi mirasyny çuňňur öwrenmek we dünýäde giňden wagyz etmek maksady bilen, XVIII asyryň meşhur akyldar şahyrynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanylan ýörite internet-portalyny döretmek maksat edinilýär.

Beýik şahyryň ýubileýine meýilleşdirilen çäreler onuň iň baý edebi mirasyny has çuňňur öwrenilmegine we giňden ýaýramagyna goşant goşar. Magtymguly Pyragy diňe türkmen edebiýatyna däl, eýsem, dünýä edebiýatyna hem goşant goşan ajaýyp söz ussadydyr.

Şeýle hem ilkinji gezek häzirki zamanyň sanly tehnologiýalarynyň üsti bilen şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän «Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny» döretmek, sanly we neşir görnüşindäki «Magtymguly Pyragy diwanyny» taýýarlamak, türkmen şahyrynyň şygyrlaryny dünýäniň dürli dillerine terjime etmek hem-de olaryň tanyşdyrylyş dabaralaryny, kitap sergilerini, döredijilik duşuşyklaryny geçirmek, ylmy-barlag işlerini taýýarlamak meýilleşdirildi.

Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda akyldar şahyryň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmegi hem-de wagyz etmegi ýola goýmak maksat edinilýär. Şu maksatlar bilen 2024-nji ýylda Aşgabat şäherinde Halkara ylmy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär. Onuň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda geçirilmegi şahyr-filosofyň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmäge we ýaýratmaga täze itergi berer.

Türkmen edebiýatynyň ruhy hazynasyny çeper söz bilen baýlaşdyran Magtymgulynyň döredijilik dünýäsi millilikden, umumadamzadyň ýaşaýyş medeniýetine dahylly pikirlere baý. Geçmişi hem geljegi çeper söz bilen baglanyşdyran söz ussady öz döwrüni hem aýdyň şöhlelendiripdir. Şahyr jemgyýetçiligiň aňynyň bir görnüşi bolan ylym bilen önümçiligiň baglanyşykly ösüş ýoluna düşen zamanasynda ýaşan, döreden şahsyýet. Pyragy öz döredijiliginde döwrüň, durmuşyň dürli ugurlaryna ýüzlenipdir. Döwrüň, jemgyýetiň keşbini çeper usulda açyp görkezipdir. Kämil jemgyýetiň kemala gelmegi üçin ýurtda adalatyň, agzybirligiň, parahatçylygyň zerurlygyny nygtap, jemgyýetde her bir adamyň ahlak taýdan sagdyn bolmalydygyny ussatlyk bilen beýan edipdir.

Parasat äleminiň älemgoşaryna öwrülip, türkmen edebiýatyny halk durmuşy bilen baglanyşdyryp, jemgyýetçilik mazmun bilen giňelden beýik akyldar Magtymguly Pyragy kalbynyň şahyrana owazyny taraşlap, miras galdyrypdyr.

**Altyn DURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Amallara gözegçilik we maliýe monitoringi bölüminiň baş hünärmeni.*

# Ylym-bilim ösüşleriň binýady



Çagalar hakyndaky aladany döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugry hökmünde kesgitlän ata Watanymyzda aň-bilim taýdan ösen, ruhy taýdan kämil, beden taýdan sagdyn nesilleri ýetişdirmek, çagalara dünýä derejesinde bilim we döwrebap terbiýe bermek biz - bilim işgärleri üçin möhüm wezipe bolup durýar. Bu belent wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde hem-de döwrebap pikirlenmegi başarýan, giň dünýägaraýyşly, çuňňur bilimli, hakyky watansöýüji nesilleri terbiýelemekde, ýurdumyzdaky we dünýädäki ylym-bilim täzeliklerini, öňdebaryjy innowasion tejribelerini milli bilim ulgamyna ornaşdyrmakda biz - bilim işgärleri döredijilikli we tutanýerli zähmet çekýäris.

Bilim we ylym adamzat üçin müdimi zerurlyk bolan gymmatly baýlyk hasaplanýar. Ýaşlar gurmak, döretmek, dünýäni has gözelleşdirmek, kämillige tarap ösmek bilen uly abraý-mertebe gazanmalydyr. Şu maksat bilen dersler sanly bilimi ýokarlandyrmaga gönükdirilýär hem-de sanly tehnologiýalaryň aýratynlyklary we mümkinçilikleri, pudaklaryň ösüşine we durmuş ulgamyna täsiri barada çagalaryň umumy düşünjelerini artdyrmaga ýardam edýär.

Halkymyzyň geçmişini bilýän, döwletimiziň bu günki ýeten belentliklerine guwanýan, buýsanýan, ylymly-bilimli, berkarar Watanymyzy has-da beýgeltmäge ukyply hakyky watansöýüji nesilleri ýetişdirmek biziň baş maksadymyz bolup durýar. Ylma we bilime daýanyp, halkymyzyň gadymdan gelýän däpleriniň we umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda çagalara bilim we terbiýe bermek boýunça alnyp barylýan işleri kämilleşdirýäris. Terbiýeçilik işinde, ilkinji nobatda, milli gymmatlyklarymyzdan we bähbitlerimizden ugur alýarys. Mähriban halkymyzyň asyrlaryň dowamynda toplap we döredip gelen ruhy hem-de maddy gymmatlyklary, durmuş gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän ýörelgelerini, jemgyýetçilik pikiriniň güýjüni, asylly maşgala däplerini, ululara hormat goýmagy, ata-enäni sylamagy, myhmansöýerligi, lebzihalallygy, adalatly bolmak ýaly ýörelgeler çagalara berilýän terbiýäniň esasy meselesi bolup durýar.

Çagalaryň sowatly we ýokary terbiýeli bolup ýetişmegini, dünýä ylmynyň, tehnikasynyň we medeniýetiniň gazananlarynyň genji-hazynasyna mynasyp goşant goşmaklaryny gazanmak maksady bilen, ähli şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimize buýsanjymyz artýar. Biz - bilim işgärleri ýaş nesliň Watanymyza, hormatly Prezidentimize wepaly bolup ýetişmegi hem-de dünýä ülňülerine laýyk bilim almagy üçin ähli şertleri döredýän hormatly Prezidentimize çäksiz sagbolsun aýdýarys, hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, başynyň dik, il bähbitli, ýurt ähmiýetli alyp barýan işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris.

**Tawus NURYÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky 16-njy orta mekdebiň mugallymy.*

# Teatr sungatyna ömrüni örklän halypa

*Marynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynda öz ýiti zehini, ukyp-başarnygy, belent adamkärçilik sypatlary bilen gaýtalanmajak yz galdyryp, halk köpçüliginiň kalbynda galmagy başaran, teatr muşdaklarynyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolan ussat artistleriň ençemesi zähmet çekýärler. Şeýle artistleriň biri hem Türkmenistanyň at gazanan artisti Enejan Akmyradowadyr. Ykbalyny teatr sungatyna baglaly bäri 50 ýyldan hem gowrak wagt geçen halypa artist teatr sungatynyň inçe syrlaryny ezberlik bilen öwrenip, ýatda galyjy keşpleriň ençemesini döretdi. Ýüregi edebiýata, teatr sungatyna söýgüden püre-pür bolan ussat halypa barada teatryň baş ýolbaşçysy Ata Gullarow: «Halypa, zehinli artist E.Akmyradowa özüniň teatra bagyşlan ömründe ençeme keşpleri janlandyryp gelýär. Şol keşpleriň ählisi diýen ýaly dürli-dürli häsiýetli keşplerdir. Zenan keşpleriniň her birinde Enejan daýzanyň mähir-muhabbetden doly ýüreginiň, ýiti zehininiň bir bölegini duýmak bolýar» diýip belleýär. Biz hem Türkmenistanyň at gazanan artisti Enejan Akmyradowanyň döredijilik ýoly hakynda taýýarlan söhbetdeşligimizi okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik.*







***Halypa, söhbetdeşligimiziň başyny teatr sungatyna ilkinji gadamlaryňyzdan, ilkinji halypalaryňyzdan we janlandyran ilkinji keşpleriňizden başlaýsak?***

Her bir döredijilik adamynyň sungata gelmegine bir zatlar öz täsirini ýetirýär. Meniň sungata bolan höwesim heniz mekdep okuwçysy wagtym başlady, 3-nji, 4-nji synpda okaýan wagtlarym mekdepde geçirilýän aýdym-saz, sahna ýaryşlaryna çeper höwesjeň bolup gatnaşýardym. Okuwçy wagtym ilkinji gezek «Akja kepderi» diýen aýdymy ýerine ýetiripdim. Heniz dokuz ýaşymdakam türkmen halk dessanlaryndan bäş sanysyny ýatdan bilýärdim. Çagalykdan artist bolmak arzuwymyň hasyl bolmagyna, teatr sungatyna gadam basmagyma, elbetde sungat adamsy bilen durmuş gurmagym sebäp boldy diýsem, hakykatdan daş düşmerin. Teatr atly jadyly sungatda ilkinji halypam öz ýanýoldaşym, halypa artistleriň biri Kakajan Akmyradowdyr. Şeýle-de, Türkmenistanyň halk artistleri Berdi Mollaýew, Akmyrat Hümmedow, Sabyr Annagylyjowa, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Oguljeren Gurbangeldiýewa, Annadurdy Täşliýew, halypa režissýorlar Türkmenistanyň halk artistleri Çary Myradow, Abdylla Ýakubow, Aman Kömekow, Baýram Seýdullaýew, Kakajan Aşyrow ýaly ussat halypalar bilen işleşmek, teatr sungatynyň inçe syrlaryny öwrenmek bagty maňa-da miýesser etdi. Olaryň hersi özboluşly mekdep, giden bir dünýä we hemmesi bir daragtyň şahalary. Teatr sungatynda ilkinji ýerine ýetiren keşbim Annamuhammet Gylyjow bilen Sapar Öräýewiň «Köýten nalasy» atly spektaklynda baş gahryman Ýaňylyň keşbi boldy.

***Janlandyrýan keşpleriňizden öz dünýäňize ýakyny hem-de ýerine ýetirmesi kyn düşeni boldumy? Siziň üçin nähili keşpleri janlandyrmak has gyzykly?***

Teatryň sahnasynda aýratyn lezzet alyp, höwesli, kalbyňdan oýnaýan keşpleriň bolýar. Ata Atajanowyň «Aýzada» spektaklynda Aýzadanyň keşbini özüme has ýakyn hasaplaýaryn. Sebäbi Aýzadanyň keşbinde ýüregi päk türkmen zenanynyň edep-terbiýesi, edim-gylymlary, maşgala ojagyna wepadarlygy, Watan mertebesini janyndan eý görmegi ýaly ajaýyp häsiýetler açylyp görkezilýär, bu keşp meni tutuşlygyna özüne bendi edipdi. Taňryberdi Hojakgaýewiň «Aýjemal» spektaklynda Aýjemalyň keşbi meniň üçin ýerine ýetirmesi has kyn düşen keşpleriň biri boldy. Çünki Aýjemalyň keşbi ar-namysy üçin eden-etdiliklerden gaçyp, ýaman pällileriň garşysynda mertlerçe durup, öz söýgüsi üçin göreşmegi başaran batyr gyzyň keşbidi. Sahnada eneleriň keşbini janlandyrmak meniň üçin gaty gyzykly. Sebäbi diňe bir durmuşda däl, eýsem, sahnada-da mährem ene bolmak, çagaňa, daş-töweregiňdäkilere söýgiňi siňdirmek, mähriňi bermek meniň üçin iň bir mukaddes zatlaryň biri bolup durýar.

***Siziň maşgalaňyz barada gürrüň edilende sözüň doly manysynda sungat ussahanasyna deňäp bolýar. Sebäbi Akmyradowlar döredijilik işgärleriniň maşgalasy. Ähliňizem ykbalyny sahna bilen baglan adamlar!***

Hawa, Kakajan ikimiz ykbalymyzy teatra baglanymyzdan soň çagalarymyzyň hem gözlerini açyp görenleri teatr boldy. Olar kiçiliginden biz bilen işe gelerdiler, iş saparlaryna gitsek ýanymyzda alyp giderdik. Sungatyň içinde ösüp kemala gelenligindendir-dä, çagalarymyz başga ugra gitmek barada pikirem etmän sahnany saýladylar. Oglum Parahat Akmyradow, gyzym Patma Akmyradowa bilen häzirki wagtda bir teatrda zähmet çekýäris. Parahat 2013-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi hem boldy.

***Kakajan aga bilen bir sahnada keşp janlandyryp, bir maşgala bolup çykyş etmek miýesser etdimi?***

Hawa, «Köýten nalasy» spektaklynda meni Kakajana durmuşa çykarýarlar. «Bahardaky başagaýlyklar» spektaklynda bolsa Kakajan meni söýýän, ýöne onuň söýgüsi jogapsyz galýan aşyk ýigidiň keşbinde, maňa bolsa başga biri bilen halaşýan baý gyzyň keşbinde bile çykyş etmek miýesser etdi.

***Enejan daýza, teatryňyzda häzirki güne çenli sahnalaşdyrylan oýunlardan has şowly çykanlary we üstünlik getiren spektakllar dogrusynda aýdyp beräýseňiz?***

Teatryň işiniň ilerlemegi, ozaly bilen, spektakly sahnalaşdyrýan režissýorlaryň ukyp-başarnygyna bagly bolup durýar. Häzirki wagta biziň teatrymyzda hem täze-täze gözlegleriň ugrunda janaýaman zähmet çekýän, sahna sungatynyň inçe syrlaryny öz şägirtlerine yhlas bilen öwredýän halypa režissýorlarymyz Ata Gullarowy, Akynazar Hommyýewi görkezmek bolar.

Ata Gullarowyň režissýor hökmünde sahnalaşdyran «Ýusup-Züleýha», «Mälik şa», «Talyp söýgüsi», «Elwan ýaglykly serwim», «Berç», «Tereke» ýaly şowly çykan ýigrimä golaý spektakllary çuňňurlygy we täsirliligi bilen tomaşaçylary özüne çekýär. Onuň dramaturg G.Daňatarowyň «Şyrak hakynda rowaýat» pýesasy esasynda «Watanym» atly mono spektakly bolsa teatr sungatynyň şu görnüşi boýunça ilkinji çuň çözgütli spektakllaryň biri bolup, teatryň taryhyna girdi. Ata Gullarow bilen «Tereke», «Ýusup-Züleýha», «Leýli-Mežnun» ýaly oýunlarda bile işleşip, has çuň gözlegli, çuňňur oýlandyrýan keşpleri janlandyrmak maňa-da nesip etdi.

***Siziň edebi esasyny ýazmagyňyzda sahnalaşdyrylan «Söýgi ummanynda küreksiz» atly spektakl barada aýdyp beräýseňiz?***

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan - Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly ajaýyp kitaby esasynda «Söýgi ummanynda küreksiz» atly drama oýnunyň edebi esasyny ýazdym. Bu sahna eserini zehinli režissýor Perhat Hudaýberenow sahnalaşdyrdy. Spektakl 2018-nji ýylyň 1-7-nji iýuly aralygynda ýurdumyzyň teatrlarynyň arasynda geçirilen «Ýüpek ýoly - ýürek ýoly» atly teatr festiwalyna gatnaşyp festiwalyň kubogyna mynasyp boldy. Yz ýanyndan bolsa 13-16-njy sentýabrda TÜRKSOÝ halkara guramasy bilen Gazagystan Respublikasynyň Mangistau welaýatynyň bilelikde guramagynda Aktau şäherinde Hazarýaka döwletleriň ikinji halkara festiwaly geçirildi. Bu festiwalda bolsa biziň döredijilik toparymyz «Söýgi ummanynda küreksiz» spektakly bilen çykyş edip, festiwala işeňňir gatnaşandygy we üstünlikli çykyş edendigi üçin festiwalyň ýörite baş baýragyna mynasyp boldy.

Hawa, teatrdaky sahnalaşdyrylýan her bir oýun bilen ýaşaýan, teatr bilen dem alyp, ýürek urşuny duýýan, ene keşpleriniň ussady, halypa Enejan Akmyradowa bilen söhbetdeş bolanymyzda şeýle nusgalyk sözleri beýan etdi: «Indi men 70 ýaşadym, zähmet rugsadyna çykyp dynjymy alsam hem bolýar. Ýöne men durmuşy teatrsyz göz öňüme getirip bilemok. Käbir sungat adamlary teatr meniň ikinji öýüm diýýär. Ýöne mende beýle däl. Teatr meniň ikinji öýüm däl-de, birinji öýüm bolup durýar. Okasamam, ýazsamam, öwrensemem, öwretsemem teatrda bolýan. Teatr meniň kalbymyň, ykbalymyň, ömrümiň örklenen ýeri».

**Söhbetdeşligi ýazga geçiren Kuwwatgeldi ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.*

# ILKINJI ÝEŇŞINI GAZANDY

19-njy iýunda Kolumbiýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda birleşen çepçi güýçleriň wekili – sosialist Gustawo Petro ýeňiş gazandy. Milli saýlaw geňeşiniň maglumatlaryna görä, «Taryhy şertnama» sosialistik koalisiýasynyň dalaşgäri Gustawo Petro 50,45% ses alyp, Kolumbiýanyň täze Prezidenti boldy.

Onuň 47,31% ses alan bäsdeşi Rodolfo Ernandes ýeňilendigini boýun aldy. Petronyň ýeňşi bilen ýurtdaky häkimiýet taryhda ilkinji gezek çepçi syýasy güýçleriň ygtyýaryna geçer. Mundan ozal üç gezek saýlawlara gatnaşan Gustawo Petro ykdysatçy, senator we paýtagtyň häkimi ýaly wezipelerde işläpdi.

Argentina, Meksika, Boliwiýa, Wenesuela, Gonduras, Nikaragua, Çili, Kuba



we ABŞ-nyň Prezidentleri Kolumbiýanyň sosialistleriniň wekilini taryhy ýeňşi bilen gutladylar. Häzirki döwlet Baştutany Iwan Duke hem Gustawo Petronyň ýeňşini ykrar etdi we häkimiýeti geçirmek prosesini ara alyp maslahatlaşmaga çagyrdy. Saýlanan Prezidentiň kasam kabul edişlik dabarasy 7-nji awgusta bellenildi.

Saýlaw kampaniýasy döwründe Petro saýlawçylara daşky gurşaw meselelerine üns bermegi, ýurduň azyk önümlerine garaşlylygyny azaltmagy, ýerli öndürijileri goldamagy we bilime goýberilýän çykdajylary ýokarlandyrmagy wada berdi. Şeýle hem Petro käbir ýurtlar bilen kesilen diplomatik gatnaşyklary dikeltmek we ABŞ bilen erkin söwda şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek barada pikirini birnäçe gezek mälim etdi.

# Milli parlamentdäki köplügini ýitirdi

19-njy iýunda Fransiýada geçirilen parlament saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Prezident Emmanuel Makronyň «Bilelikde!» koalisiýasy sesleriň 38,57%-ine eýe boldy. Şeýlelikde, bu koalisiýa iň köp ses alan hem bolsa, 577 agzasy bolan Milli parlamentdäki absolýut köplügini ýitirdi. Ýagny koalisiýanyň wekilleriniň sany hökümetiň düzülmegi üçin gerek bolan deputatlaryň ýarysyndan köpüsini (289) emele getirmeýär.

Žan-Lýuk Melanşonyň çepçi «Täze ekologiýa we sosial halk bileleşigi» koalisiýasy 31,6% sese eýe boldy. Fransiýanyň Milli mejlisine geçirilýän saýlawlaryň ikinji tapgyrynda ýeňiş gazanmak üçin sesleriň ýönekeý köplügi gerek. Ses berişligiň netijelerine görä, fransuz mejlisiniň aşaky palatasynyň 577 wekili bäş ýyl möhlet bilen saýlanýar.



«Bilelikde!» koalisiýasyna «Demokratik Hereket», «Hereket», «Gözýetim» partiýalary hem-de Makron tarapyndan esaslandyrylan «Galkynyş» partiýasy girýär. Onuň bäsdeşi «Täze ekologiýa we sosial halk bileleşigi» koalisiýasy bolup, Melanşonyň «Ýanbermez Fransiýa» partiýasyny, şeýle-de «Sosialistik partiýany», «Ýewropa-Ekologiýa-Ýaşyllar» partiýasyny we «Kommunistik partiýany» öz içine alýar. Şeýle hem saýlawlara aşa sagçy partiýalar Erik Zemmuryň «Reconquest» we Marin Le Peniň «Milli bileleşigi» hem gatnaşdy.

12-nji iýunda Fransiýada parlament saýlawlarynyň birinji tapgyry geçirildi. Saýlawlaryň netijelerine görä, «Bilelikde!» koalisiýasy sesleriň 25,71%-ini, Melanşonyň çepçi «Täze ekologiýa we sosial halk bileleşigi» koalisiýasy bolsa, sesleriň 25,61%-ine eýe boldy.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **Ikinji möhlete dalaş eder.** ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden 2024-nji ýylda ikinji möhlete Prezident saýlawlaryna gatnaşmakçy. Bu barada Ak Tamyň metbugat kätibi Karin Žan-Pýer habar berdi. 79 ýaşly Jozef Baýden ABŞ-nyň Prezidenti wezipesine 2021-nji ýylyň ýanwarynda girişdi.



► **ÝUNESKO-nyň täze maglumaty.** Dünýäde uly ýaşlylaryň, takmynan, 770 milliony okap ýa-da ýazyp bilmeýär, olaryň üçden iki bölegi bolsa zenanlar. Bu barada ÝUNESKO-nyň baş müdiri Odri Azule mälim etdi. 2019-njy ýylda dünýä ilatynyň 86%-den gowragy sowatlydy. 1979-njy ýylda diňe 68%-i okap we ýazyp bilýärdi.



► **Dünýä rekordyny goýdy.** Beýik Britaniýaly bäş ýaşly gyzjagaz Bella Jeý Dark kitap ýazyp, ony öz çeken suratlary bilen bezedenden soň, dünýäniň iň ýaş ýazyjysy boldy. «Azaşan pişik» atly bu kitap müňden gowrak nusgada satyldy. Eseriň nusgalarynyň ýaýramagynda gyzjagazyň ejesi çynlakaý ýardam berdi.



► **Stradiwariniň skripkasy satyldy.** Nýu-Ýorkuň «Tarisio» auksionynda «da Winçi» ýa-da «eks-Zeýdel» diýlip atlandyrylýan 1714-nji ýylda ýasalan Stradiwariniň skripkasy satyldy. Skripkanyň bahasy 15,34 million dollar boldy. Gural bahasy boýunça 15,9 million dollara satylan «Lady Blunt» skripkasyndan soň ikinji orunda durýar.



► **103 ýaşynda paraşýutdan bökdi.** Ýaşy 103 ýyl 259 gün bolan Şwesiýanyň ýaşaýjysy Rut Larsson paraşýutdan böküp, Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Maglumatlara görä, Larsson 90 ýaşyndaka paraplanda uçup görüpdir. Garry zenanyň 102 ýaşy dolanda, ol ilkinji gezek paraşýutdan böküp, rekord goýmagy niýet edipdir.



► **Nebit önümçiligini artdyrar.** Nebit eksport edýän ýurtlaryň guramasy OPEK iýul aýynda nebit önümçiligini ep-esli ýokarlandyrmak barada karara geldi. Toparyň agzalary iýul aýynda nebit önümçiligini günde 648 müň barrel artdyrmak barada ylalaşdylar, bu görkeziji günde 432 müň barrele barabar bolan öňki aýlyk ösüşden ýokarydyr.



► **Atlantik ummanyny ýüzüp geçdi.** Britaniýaly Wiktoriýa Ewans ýekelikde Atlantik ummanyny gaýykda ýüzüp geçmek bilen, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girmegi başardy. Wiktoriýa bu aralygy gaýykda ýüzüp geçmek üçin 40 gün, 21 sagat 1 minut gerek boldy.



► **Ýaşy üç müň ýyldan geçýän hum.** Hytaýyň Syçuan welaýatynda geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde 13 müň sany artefakt tapyldy. Ýaşy üç müň ýyldan geçýän tapyndylar irki altyn käninden tapyldy. Altyndan, bürünçden we nefritden ýasalan zatlaryň arasyndan pyşdyl sowudynyň şekilindäki sandyk we sadaka altary tapyldy.



► **Üçden bir bölegi ulanmaýar.** Halkara elektrik aragatnaşygy bileleşiginiň geçiren barlaglarynda dünýäde ilatyň üçden bir böleginiň internetden peýdalanmaýandygy belli boldy. Munuň esasy sebäbi hem aragatnaşyk hyzmatlarynyň we elektron enjamlarynyň nyrhynyň gymmatlygy bolup, bu ýagdaýyň ykdysady ösüşi bökdeýändigi nygtalýar.



► **Zyýanly gazlary azaldar.** Awstraliýa howa goýberilýän zyýanly gazlary azaltmak boýunça BMG-ä täze meýilnama hödürledi. Ol 2030-njy ýyla çenli döwri öz içine alyp, öňkä garanyňda, has uly maksatlary öz içine alýar. Öň zyňyndylary 26-28% azaltmak meýilleşdirilen bolsa, indi bu görkezijini 43%-e çenli ýokarlandyrmak kararyna gelindi.









# HALKARA YKDYSADY FORUM GEÇIRILDI

15-18-nji iýun aralygynda Sankt-Peterburgda 25-nji halkara ykdysady forumy geçirilip, oňa dünýäniň 100-e golaý ýurdunyň wekilleri gatnaşdy. Forumyň esasy maksady ösüp-özgerýän dünýäde täze mümkinçilikleri gözlemekden ybarat bolup, dünýäniň we Russiýanyň ykdysadyýetine, sosial we tehnologiki meýilnamalara we adam mümkinçilikleriniň ösüşine bagyşlanan tematiki ugurlara bölündi.

«Täze ykdysady düzgün: döwrüň wehimlerine garşy durmak» atly bölümiň çäklerinde ŞHG, BRIKS we ÝAYB bileleşiklerinde ykdysady dikeldiş we halkara hyzmatdaşlygy, dünýä söwdasynyň özgermegi, täze logistika pudagynda işewürligiň netijeliligi boýunça sessiýalar geçirildi.

«Rus ykdysadyýeti: täze wezipeler we gözýetimler» – häzirki çäräniň iş meýilnamasynyň ikinji tematiki bölegine öwrülip, ýurduň ýüzbe-ýüz bolýan täze meselelerine – çökgünliklere garşy meýilnamadan başlap, ykdysadyýetiň uzak möhletleýin mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga bagyşlandy.

«Adamzat üçin häzirki zaman tehnologiýalary: jogapkärli geljegi döretmek» atly bölümdäki çekişmeler sanly özygtyýarlyk, maglumat howpsuzlygyna we dürli pudaklaryň sanlylaşdyrylmagyna bagyşlandy.

«Adamlara maýa goýmak – ösüşe maýa goýmak» bölüminiň sessiýalaryna gatnaşyjylar adam kapitalynyň ösüşini, işgärleriň täze iş tejribelerini we iş usullaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Forumyň çäklerinde döredijilik senagatyny, sporty we bilimi ösdürmäge bagyşlanan mejlisler hem guraldy.

Forumyň çäklerinde Afrikanyň, Belarusuň, Ýakyn Gündogaryň, Ýewropanyň, Müsüriň, Hindistanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Hytaýyň, Latyn Amerikanyň, şeýle hem, ÝAYB-niň we ASEAN-yň işewür toparlarynyň wekilleri bilen däp bolup gelýän döwletara işewürlik gepleşikleri geçirildi.

Esasy iş meýilnamasyndan başga-da, maslahatyň çäklerinde kiçi we orta telekeçiler üçin forum, ýaşlar ykdysady forumy, B20 maslahat beriş forumy, döredijilik işewürlik forumy, «Derman howpsuzlygy», «Junior» dialogy we «Arktika: gepleşik çäkleri» forumlary guraldy.

Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin 16-17-nji iýunda bu foruma gatnaşyp, umumy mejlisde çykyş etdi. Mundan başga-da, Wladimir Putin awtoulag senagatynyň ýolbaşçylary hem-de işewürler bilen duşuşyk geçirdi. Şu ýylky foruma Ermenistanyň we Gazagystanyň Prezidentleri Waagn Haçaturýan we Kasym-Žomart Tokaýew gatnaşdylar.



# Gara deňizden gaz çykaryp başlady

**Rumyniýanyň «Black Sea Oil & Gas» (BSOG) kompaniýasy şu ýyl Gara deňizden takmynan 0,5 milliard kub metr gaz çykarmagy meýilleşdirýär. Bu barada kompaniýanyň metbugat gullugy habar berdi.**

**BSOG kompaniýasy öz hyzmatdaşlary «Petro Ventures Resources SRL» we «Gas Plus Dacia SRL» bilen bilelikde MGD taslamasynyň çäklerinde tebigy gaz çykaryp ugrandygyny habar berýär. Bu ýyl kompaniýa, takmynan, ýarym milliard kub metr gaz çykarmagy meýilleşdirýär. Öňümizdäki üç ýylda, takmynan, ýylda bir milliard kub metr gaz çykarmagy meýilleşdirýär.**

**MGD taslamasy, Rumyniýanyň Gara deňziň ýalpaklygyndan we kenarýaka zolagyndan soňky 30 ýylda tebigy gaz almak boýunça ilkinji taslamasydyr. Taslama bäş buraw guýusyndan (Doýna ýatagynda bir suwasty guýy we Anna ýatagynda dört buraw guýusy) ybarat bolup, 126 kilometr suwasty gaz geçirijisi arkaly Konstanta etrabynyň Korbu kommunasyndaky gazy gaýtadan işleýän täze desga tebigy gaz ugradylýar.**

# Howa gözegçilik beketleriniň sany artar

2025-nji ýylyň ahyryna çenli Hytaý häkimiýetleri ýyladyşhana gazlaryna gözegçiligi güýçlendirmek maksady bilen sekiz sany täze atmosfera gözegçilik merkezini gurmagy meýilleşdirýär. Bu barada Hytaýyň meteorologiýa müdirligi habar berdi.

Bu beketler ýyladyşhana gazlary, himiki reaktiw ozon, aerozollar we Gün radiasiýasy ýaly onlarça elementiň derejesini anyklamak maksady bilen gurlar. Şeýle beketler, adatça, adamyň işleýän ýerlerinden we hapalanma çeşmelerinden uzakda gurulýar. Hytaýda eýýäm şunuň ýaly ýedi beket guruldy we ýakyn wagtda ýene bir beket peýda bolar.

Maglumatlara görä, meýilleşdirilen sekiz beket, şol sanda, Günorta Hytaý hem-de Gündogar Hytaý deňizlerinde bir beket, ýurduň 16 sebitiniň howasyna doly gözegçilik etmäge kömek eder.



Adam başyna düşýän jemi içerki önüm, belli bir ýurduň raýatlarynyň ortaça nähili ýaşaýandyklary barada düşünje berýänligi sebäpli, ýurduň baýlygynyň esasy görkezijilerinden biridir. «Business Insider» žurnaly 2021-nji ýylda adam başyna düşýän jemi içerki önümi iň ýokary bolan Afrika ýurtlarynyň sanawyny düzdi. Afrikanyň iň baý ýurtlarynyň sanawy Halkara Pul Gaznasy (HPG) we Bütindünýä Banky tarapyndan berlen hasabatyň esasynda düzüldi.

Sanawyň birinji ornuny geçen ýyl adam başyna düşýän jemi içerki önümi 12 648 dollar bolan Seýşel adalary eýeledi. Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar Seýşeliň ykdysadyýeti üçin uly synag boldy. Syýahatçylyk işjeňliginiň 60 göterimden gowrak azalmagy hem-de Seýşeldäki ykdysady işjeňligiň düýpli bozulmagy sebäpli 2020-nji ýylda ýurduň ykdysady ösüşi ep-esli haýallady.

Ikinji orny adam başyna düşýän jemi içerki önümi 8000 dollar bolan Ekwatorial Gwineýasy eýeledi. Ekwatorial Gwineýasy soňky on ýylda Afrikanyň iň çalt ösýän ykdysadyýetleriniň biri boldy. 1990-njy ýyllarda iri nebit gorlary tapylandan soň, Saharanyň günortasyndaky Afrikada Nigeriýadan we Angoladan soň üçünji uly nebit öndüriji boldy. Ýaňy-ýakynda bu ýerde möhüm gaz gorlary hem tapyldy.

# Afrikanyň öňdebaryjy ÝURTLARY



Afrikanyň iň baý ýurtlarynyň üçlügine adam başyna düşýän jemi içerki önümi 7 785 dollar bolan Gabon girýär. Gabon girdejileri ortadan ýokary bolan ýurt bolup, Afrikada bäşinji uly nebit öndüriji, nebit we marganes önümçiligi bilen soňky on ýylda güýçli ykdysady ösüş gazandy. Soňky bäş ýylda nebit pudagy eksportuň ortaça 80 göterimini, jemi içerki önümiň 45 göterimini we býujet girdejisiniň 60 göterimini emele getirdi. Şeýle-de bolsa, ýurt nebit gorlarynyň azalmagy bilen ýüzbe-ýüz bolansoň, Gabon hökümeti ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmek kararyna geldi.

Sanawda Botswana (7 036 dollar) dördünji orunda bolup, ondan soň Günorta Afrika (5 236 dollar), Liwiýa (4 733 dollar), Namibiýa (4 412 dollar), Müsür (3 606 dollar), Alžir (3 449 dollar), Marokko (3 409 dollar) bar.



# Ýaşamak üçin amatly şäherler

«The Economist» žurnaly dünýäniň ýaşamak üçin iň amatly şäherleriniň sanawyny mälim etdi. Sanawa 172 şäher girizilipdir. Şäherlere baha berlende, 30 görkeziji göz öňünde tutulypdyr. Sanawda Awstriýanyň paýtagty Wena birinji boldy. 2021-nji ýylda 12-nji orny eýelän bu şäher 2018-nji hem-de 2019-njy ýyllarda birinji orny eýeläpdir. Sanawda şäherler barada maglumatlar hem berlipdir. Bilermenler: «Wena ygtybarlylyk hem-de ösen infrastruktura, şäheriň ýaşaýjylary üçin özüne çekijiligi, saglygy goraýyş hyzmatlary, birnäçe medeni we güýmenje mümkinçiliklerini hödürleýär» diýip belleýärler. Şweýsariýanyň Sýurih hem-de Daniýanyň Kopengagen şäheri ilkinji üçlüge, Germaniýanyň täjirçilik şäheri Frankfurt bilen Kanadanyň kenarýaka Toronto şäheri ilkinji bäşlige giripdir. Niderlandlaryň Amsterdam we Şweýsariýanyň Ženewa şäherleri 6-njy hem-de 7-nji orunlary eýeläpdir. Ilkinji onluga Kanadanyň Kalgari (8-nji) we Wankuwer (10-njy) şäheri giripdir. 9-njy orny Ýaponiýanyň paýtagty Osaka eýeläpdir.

# Ýurtlaryň gury ýerden çäkleri bolar

**Daniýa we Kanada 1973-nji ýyldan bäri çözülmän gelýän Gans adasynyň eýeçiligi baradaky territorial-çäk meselesini çözmek üçin şertnama baglaşdy. Bu barada Daniýanyň daşary işler ministrligi mälim etdi.**

**«Kennedi bogazyndaky Gans adasy Kanadanyň Nunawut territoriýasy bilen Daniýanyň düzümindäki özbaşdak territoriýa bolan Grenlandiýanyň arasynda bölüner» diýlip, daşary işler ministrliginiň beýanatynda bellenilýär.**

**Mälim bolşy ýaly, geografik taýdan Demirgazyk Amerikada ýerleşýän, dünýäniň iň uly adasy Grenlandiýa Ýewropanyň iň kiçi ýurtlarynyň biri bolan Daniýa degişli. Dünýäniň iň köp adaly ýurtlarynyň biri bolan Kanada degişli adalar bolsa Grenlandiýadan onçakly uzakda däl.**

**Kanadanyň paýtagty Ottawada Gans adasynyň bölünmegi baradaky şertnama Daniýanyň we Kanadanyň daşary işler ministrleri, şeýle hem Grenlandiýanyň Premýer-ministri gol çekdi. Şeýlelikde, indi Daniýa bilen Kanadanyň gury ýer serhedi bolar.**

**Meýdany 1,3 inedördül kilometr bolan ýaşalmaýan Gans adasynyň territorial degişliligi baradaky meseleler 1973-nji ýylda, Daniýa bilen Kanada deňiz serhedi barada gepleşik geçirende başlandy.**



**Netijede, adanyň hukuk ýagdaýy barada karar yza süýşürildi. Demirgazyk polýus boýunça bilermen Maýkl Baýersiň pikirine görä, Gans adasy şeýle bir uzakda ýerleşýär welin, gar bilen örtülen bu ýerde haýsydyr bir ykdysady bähbitli iş etmek mümkin däl.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**■ 1963-nji ýylyň 24-nji iýunynda Londondaky BBC habarlar studiýasynda ilkinji gezek wideomagnitofon görkezildi. Bu enjam «Nottingham Electronic Valve Company» (NEVC) we «Telcan» tarapyndan bilelikde işlenip düzüldi. Enjam ilkinji bolup bilmese-de, 80-90-njy ýyllardaky wideomagnitofonlaryň nusgasy hasaplanýar.**



Ejemiň ýatan ýerinden maňa tarap uzadan ysgynsyz ellerini aýalarymyň arasyna alyp, sypaladym. Mydary giden näzik ham, çykyşyp duran göm-gök damarlar, janyňa hoş ýakýan mylaýym ýylylyk maňa ejemiň tamdyr çörekleriniň ýakymly ysyny hem tagamyny ýatlatdy. Ejem dodaklaryny müňküldeden ýaly boldy. Aýtjak sözlerini eşitmän galaýmaýyn diýip, oňa tarap çalaja egildim.

— Baýlym, nämäň suratyny çekýäň, oglum?

— Obadaky öýümiziň suratyny tamamlap barýan, eje! — diýip, oňa eşidiler ýaly gatyrak gepledim.

Ejeme geplemek kyn düşýärdi. Şonda-da, gürläp ýatsa kem däl ýaly.

— Tamdyr-ojagymam çekdiňmi?

— Hawa, gapdalyndaky kelle urlan söwüdiňem çekdim, eje!

Ejemiň dodaklary çala çyzyldy. Suraty göz öňüne getiren bolsa gerek.

— Tamamladygym, getirip, ynha, şu ýerden asjak — diýip, men ejemiň garşysyndaky diwary görkezdim.

Ol ýatalgasynda ak gar ýaly tämiz ýorgan-düşegine çolanyp, bir gysym bolup ýatyşyna, içine çöküp giden, ýöne guwançdan doly didelerini maňa dikdi:

— Onda-ha, tüýs meň oglum bolýaň!

Bu gezek nazary ýüzümde uzak eglendi. (Şu pursady suratkeşiň gözi bilen «şyrkyldadyp», özüm üçin surata alyp goýdum.)

***

— Başlap-taşlap ýörmek bolmaz-a! Bir işiň başyny çugdamlamadyň-la! Her zada baş goşup gördüň. Gimnastika diýdiň, futbol diýdiň, çapyksuwarlyk diýdiň, dutar çaljak diýdiň, heýkeltaraşlyk diýdiň, suratkeşlik diýdiň! Çaşyň gözüne sereden ýaly etdiň!

Ejem barha bekine tutdy. Gyzaran ýüzi, taýak ýaly bolup çykan boýun damarlary eýgiligiň alamaty däldi.

— Meň häzir surat çekesim gelenok. Men woleýbola gatnajak!

— Onda näme maňa reňk bilen kagyz-galam baryny aldyrdyň? Mugallymyňam-a halamaz beýdip ýörseň. Başarýan işiňi ediber! Suraty erbet çekeňok. Mugallymyňam şeý diýdi.

— Çekesim gelenok diýdim, çekesim gelenok!

— Çekersiň, özüňem günde bir surat çekersiň! Her işi kämil öwrenmek üçin şol işi günde, yzygiderli etmeli! Näme, tutuş üç aý dynç alşyňy jikge düşüp ýatyp geçirjekmi? Şäher ýerinde mal-garaňam-a molap duranok.

— Men gowy surat çekemok. Çeken suratlarymyňam bary biderek. Onsoňam adam çekip bilemok. Kyn!

— Kyn bolsa, gaýta-gaýta çek. Ertirem Anna mugallymyň ýanyna ugra! Onsuzam iki sapak sypdyrdyň.

— Ýok, gitjek däl! Ýeke özüm içim gysýar. Çagalaň arasynda oturyp çekesim gelýär.

— On bir ýaşa, onsoň «Bäşim Nurala» girersiň. Şol ýerde özüň ýaly çagalar kän. Oňa çenli Anna mugallymyň ýanyna gatnap, eliňi düzmeli. Suratlaryň erbet däl-ä. Kem-kemden ökdeläp barýaň.

— Ýok, men diňe çekesim gelen wagty çekjek! Her gün çekjek däl!

— Hakyky suratkeş bolýançaň, her gün çekmeli.

— U-u-uf! Ýok!




Dulugym gyzyp gitdi. Ejemiň soňky aýdan sözlerini eşitmedim. Gözümden dökülýän gözýaşlar oýun oýnap oturan el telefonymyň ýüzüni buýr-bulaşyk etdi. Häliden bäri ilkinji gezek kellämi galdyryp, ejemiň ýüzüne seretdim. Ejem telefonymy elimden aldy.

— Akyl-huşuňy aldy seniň şu demir. Ene näme diýdi, ata näme diýdi, eşideňok, gulaklaryň gapyldy seniň. Ulalaňda, adama peýanyň degmez.

Ejem telefonymy stoluň üstüne tark edip taşlady-da, aşhana girip gitdi. Ýaňky şarpyk meni telefonymdaky hyýaly oýnuň gazaply uruş meýdançasyndan çykaryp, penjireleriniň öňi terje güllere basyrylan, mydama totularymyzyň saýraýan sesi gelip duran hakyky dünýä — otagymyza dolady.

Tekjäniň üstünde gelşik üçin göz edip goýlan futbol topum, gapdalyndaky, palçykdan ýasalyp, ýarpy-ýalta reňk çalnan heýkelim, kürsä ýaplangy duran kirşi üzük dutarym, iki günden bäri reňkli suwa batyrylgy duran ululy-kiçili surat çotgalarym maňa nägilelik bilen seredýärdi.

Ejem öýkeledi. Onda-da erbet öýkeledi. Şu wagtlara çenli meniň geldi-geçer arzuwlarymy çyn hasap edip, barmagymy çommaldan zadymy alyp berdi, hünärini maňa öwredip biljek zehinli mugallym agtaryp ylgady. Azmy şular?!

Ýöne, soň ejem ýene ýazylyşdy, öňküsi ýaly maňa: «Oglum!» diýip, ýüzlenip ugrady. Iýjekiçjegimi günde öňümde goýdy, täze eşigem äberdi. Ýüzüme seredip ýylgyrýaram. Men welin, utandym. Baýaky ýakymsyzlyk barada olam dil ýaranok, menem jyňkymy çykaramok. Henizem surat çekişim göwünli-göwünsiz.

Geň göräýmeli, bir gün özümden-özüm üýtgeşik surat çekdim. Suratymda ýüzi salyk ejem tamdyrymyza arkasyny berip, çommalyp oturşyna uzaklara inçelip gidýän ýola seredýärdi. Ýoluň asman bilen tapyşýan ýerinden boýy barmak ýalyjak bir adam bärligine ýöräp gelýärdi. Özüm bolsam gerek! Görüp otursam, men ejemiň içine salyp ýören öýkesini çeken ekenim! Hawa, çekdim! Şony çekip başardym! Diýmek, çekerin! Şol öýkäni ýazmak üçin kän-kän surat çekerin!

***

— Oglum, sen menden öýkeleme! Çaga wagtyň käýändirinem, temmi hem berendirin. Ulalaňda, saňa guwanmak üçin etdim muny.

Dişi ýok ejemiň kentlewüginiň arasyndan syzdyryp aýdan sözlerine hamsykdym.

— Öýkelämok, eje jan! Örän dogry edipsiň. Ýogsam, obamyzam, obadaky öýümizem tas ýadymdan çykaran ekenim. Basym obaňy tutuş gözelligi, hezilligi bilen kendire siňdirip, ýanyňa getirerin!

— Dogduk depämi siziň üçin goýup gaýdandyryn. Soň-soňlaram oba bilen gatnaşygy goýmaň! Iň sada ýürekli adamlar, tapylgysyz ýagşy gylyk-häsiýetler, bereket-bolçulyk diňe obada bardyr.

Ejemi köp garaşdyrmadym. Ussahanamda iki ýyl bäri sünnäläp çeken naýbaşy nakgaşlyk eserimi ölçegine laýyk äpet çarçuwa salyp, öýe getirdim. Ony diwardan asýan wagtymyz ejem ýatan ýerinden çala tirsegine galyp, suratyň haýsy burçuny ýokarrak, haýsysyny aşagrak tutmalydygyny aýtdy. Uly gyzym onuň eşidiler-eşidilmez pyşyrdysyny begençli sesi bilen bize ýetirdi.

Şeýdip, obamyzy öýümize «göçürip getirdik». Suratymyň aşaky sag burçuna goýy ýaşyl reňk bilen ejemiň gözüniň alnynda «Ejem jana bagyşlaýaryn...» diýip ýazdym.

**Orazgül GURBANOWA.**

# Markese ýollanan hatlar tapyldy

Mehiko şäherinde Gabriel Garsiýa Markesiň agtyklarynyň biri ýazyja ýollanan 150 sany hatyň üstünden bardy. Bu hatlar ýazyjynyň öýünde köpçülige hödürlendi. Bu sergi Markese Nobeliň edebiýat boýunça baýragynyň gowşurylmagynyň 40 ýyllygyna bagyşlanýar. Sergä goýlan hatlaryň arasynda Gabriel Garsiýa Markesiň Kubanyň lideri Fidel Kastro bilen ýazyşan hatlary, Çili şahyry Pablo Nerudanyň Markese doglan güni mynasybetli gutlap ýazan haty we ABŞ-nyň öňki Prezidenti Bill Klintonyň ýüzlenmesi bar. Meşhur ýazyjynyň agtygy Emiliýa Garsiýa Elizondonyň aýdyşyna görä, sergi üçin Markesiň suratlaryny gözläp ýörkä hatlaryň üstünden barypdyr.

Ýazyjy, žurnalist, syýasy işgär, abraýly edebiýat baýraklarynyň eýesi



Gabriel Garsiýa Markes 1927-nji ýylyň 6-njy martynda Kolumbiýanyň Arakataka şäherinde dünýä inýär. Ýazyjy 1982-nji ýylda Nobeliň edebiýat boýunça baýragy bilen sylaglanýar. Markesiň eserleri bütin dünýäde neşir edilmegini dowam etdirýär hem-de köp sanly eserleri ekranlaşdyryldy. Dünýä edebiýatynyň nusgawy ýazyjysy 2014-nji ýylyň 17-nji aprelinde aradan çykdy.

Okyjylaryň köpüsi dünýä edebiýatynyň nusgawy ýazyjysynyň eserleri arkaly dünýäde Kolumbiýa ýaly ýurduň bardygy hakynda ilkinji gezek bilip galypdylar. Onuň «Ýalňyzlygyň ýüz ýyly», «Polkownige hat ýazýan ýok» we beýleki eserleri birmahallar edebiýata gowy düşünýän okyjylaryň hökman okamaly kitaplarynyň sanawyna girdi.

# Ynjalyksyzlygy ýeňmäge kömek edýär

Russiýaly psiholog Anna Ýermolaýewa durmuşda näbellilik zerarly ýüze çykýan ynjalyksyzlanma ýagdaýlarynda iň gowy görýän filmleriňe tomaşa etmegiň we kitaplary täzeden okamagyň iň gowy kömekçidigini belleýär. «Ynjalyksyzlygy ýeňip geçmek üçin ýakymly sazdyr audiokitaplary diňlemeli ýa-da gowy görýän filmleriňe tomaşa etmeli. Öň tanyş zatlar ynsan aňy tarapyndan durnuklylyk, asudalyk hökmünde kabul edilýär, durnuklylyk bolsa rahatlanma duýgusyny döredýär. Sebäbi adamyň aňy tanyş eseri ygtybarly diýip, kabul edýär» diýip, nygtaýan psiholog durmuşda dörän kynçylyk zerarly uzak wagtlap pikire batyp, aladalanyp oturmagyň peýdasyzdygyny belleýär. Onuň deregine kitap okamak, kino görmek oňyn duýgulary döredip, rahatlyk bagyşlaýar.



Ýermolaýewa şeýle ýagdaýlarda işiňi täzelemegiň howpludygyny, gaýta ynjalyksyzlygy ýitileşdirýändigini, oňa derek ýakymly täsirleri eçiljek güýmenjeleri gözlemelidigini belleýär.

# Döwrebap kitaphana açyldy

Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi Muhammed bin Raşid al Maktum öz adyny göterýän iri kitaphana toplumyny açdy.

Kitaphanada dürli eserleriň giň toplumy iň häzirki zaman ýedi gatly binada ýerleşdirildi, ony gurmak üçin 272 million dollar sarp edildi. Täze kitaphana Pars aýlagynyň kenarlarynda «medeni şamçyrag» boljakdygy habar berilýär.

Dabarada eden çykyşynda Dubaýyň häkimi ýaş nesiller üçin medeni we intellektual merkeziň açylýandygyny, onuň kömegi bilen okamagyň wagyz ediljekdigini, biliminiň ýaýradyljakdygyny, alymlaryň we ylym işgärleriniň goldanyljakdygyny belledi.

– Biziň maksadymyz adam aňyny nurlandyrmakdan ybaratdyr – diýip, Muhammed bin Raşid al Maktum nygtady.

Dubaýyň kitaphana merkezinde arap we daşary ýurt dillerindäki bir milliondan gowrak çap we sanly neşirler, 6 milliondan gowrak dissertasiýa, 73 müň töweregi saz eserleriniň kitaby, 75 müň sany wideoşekil, 13 müň töweregi sanlylaşdyrylan ylmy makalalar, soňky 325 ýylda neşir edilen 5 müň töweregi taryhy we sanly sebit žurnallary, bütin dünýäden 35 müň töweregi çap hem-de sanly gazet-žurnallar, şeýle-de 500 sany seýrek gymmatlyklar ýygnaldy.



**Olga BUKINA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Neşirleri toplamak we işlemek bölüminiň müdiri.*

# ÇAGALAR

Ilkinji batbörek mundan üç müň ýyl töweregi ozal peýda bolupdyr.

# Dünýäniň iň uly balyklary

Golaýda Kambojada agramy 300 kilograma golaý bolan, uzynlygy 4 metre ýetýän balyk tapyldy. Mekong derýasyndan tutulan bu äpet balyk degişli ölçegler edilip, yzarlamak üçin enjam dakylandan soňra gaýtadan derýa goýberildi. Alymlar äpet orlýakşekilli balygyň häzire çenli anyklanan süýji suwda ýaşaýan iň uly balykdygyny aýdýarlar. Mundan ozal 2005-nji ýylda Tailandda agramy 293 kilogram bolan lakga balygy tutulypdy.

Kamboja dünýäde balygyň iň köp ýaşaýan ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Mekong derýasynda balygyň müňden gowrak görnüşi bilen bir hatarda leňňeçler, ýylanlar, pyşbagalar we gurbagalar hem gabat gelýär. Gözbaşyny Tibet platosyndan alyp gaýdýan bu derýa Hytaý, Mýanma, Laos, Tailand, Kamboja we Wýetnam döwletleriniň üstünden geçýär. Eýsem, süýji suwda ýaşaýan başga nähili balyklar barka?!

Derýalarda, köllerde we akar suwlarda ýaşaýan balyklara süýji suwda ýaşaýan balyklar diýilýär. Bular deňizdir ummanlardaky balyklardan tapawutly bolýar. Derýada ýaşaýan balygy deňze goýberseň ýaşap bilmeýär. Sebäbi, deňziň suwy aşa şor bolup, düzüminde köp mukdarda duz bolýar. Deňizde ýaşaýan balyk bolsa derýada ýaşap bilmeýär. Balyklaryň käbir görnüşi bolsa süýji hem-de şor suwda ýaşap bilýär.

**Akbalyk.** Balygyň bu görnüşi Hazar we Gara deňziň basseýninde gabat gelýär. Bu balyklaryň sany soňky ýyllarda azalypdyr. Olaryň sanynyň köpeldilmegi üçin emeli usulda ösdürilip, suwa goýberilýär. Öňki döwürlerdäki maglumatlarda akbalygyň uzynlygynyň 5 metre, agramy 1,5 tonna ýetendigi bellenilýär. Ýyrtyjy balygyň käbir görnüşi süýji we şor suwuň garyşýan ýerleri bolan dilkawlarda, ýagny derýalaryň deňze guýýan ýerlerinde hem ýaşaýar. Käbir görnüşi bolsa diňe deňizde ýaşaýar.

**Mekong äpet lakgasy.** Lakganyň dürli görnüşleri bolup, ýyrtyjy balygyň Mekong derýasynda ýaşaýany olaryň iň ulusy hasaplanýar. Bu balyklar uzak ýaşaýandygy bilen hem bellidir. Geçirilen barlaglara görä, olar 60 ýyla çenli ýaşaýarlar. Mekong lakgasynyň uzynlygy 3 metre, agramy 300 kilograma golaý bolýar. Tailandda we Laosda bu balygyň tutulmagy çäklendirilýär.

**Alligator balygy.** Iki hatarly dişleri we krokodiliňkä meňzeş burny bolan bu ýyrtyjy balyklar süýji we şor suwda ýaşap bilýärler. Uzynlygy 3 metre, agramy 160 kilograma golaý bolýan bu jandarlar Demirgazyk Amerikadaky derýalarda ýaşaýarlar. Missisipi derýasynyň aşaky akymynyň basseýninde gabat gelýän balyklar 50 ýyla çenli ýaşaýarlar.

**Arapaýma.** Amazonka derýasynda gabat gelýän bu jandarlaryň uzynlygy 3 metre, agramy 135 kilograma barabar bolýar. Braziliýada, Peruwda we Gaýanada gabat gelýän bu täsin balyk suwuň daşynda hem dem alyp bilýär. Olar suwuň daşynda 24 sagada çenli ýaşap bilýärler.

**Orlýakşekilli äpet balyk.** Süýji suwda ýaşaýan we balyk hasaplanýan hem bolsa, onuň daşky şekili deňizde ýaşaýan jandarlara meňzeýär. Süýji suwda ýaşaýan iň uly jandarlaryň biri bolan tegelek şekilli bu balygyň 1990-njy ýyllarda alymlar tarapyndan haýsy topara degişlidigi kesgitlendi. Bu balygyň agramy 600 kilograma, uzynlygy 4,5 metre çenli bolup bilýär.







# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**BATBÖREK.** Batbörek näçe kiçi hem bolsa, onuň uzak taryhy bolup, irki döwürlerden bäri dürli maksatlar üçin ulanylypdyr. Ilkinji uçýan enjamyň hytaýlylar tarapyndan oýlanyp tapylandygy aýdylýar. Wagtyň geçmegi bilen batbörek Aziýa ýurtlaryndan Ýewropa, Amerika we Awstraliýa ýaýrapdyr. Dürli döwürlerde batböregiň dürli görnüşleri peýda bolupdyr. Batbörek ylmy açyşlar etmek, meteorologiýa barlaglaryny geçirmek üçin hem peýdalanylypdyr. Ýel, basyş we howa akymy batbörek bilen ölçenipdir. Ilkinji uçary oýlap tapan doganlar Wraýtlar hem batbörekden peýdalanypdyrlar. Oýlap tapyjylar ululygy 1,5 metre barabar bolan gutudan ýasalan iki ganatly uçar şekilli batböregi uçarlaryň howada nähili dolandyrylyp bilinjekdigini öwrenmek üçin peýdalanypdyrlar. Şeýlelikde, uçarlaryň ýasalmagynda batböregiň uly goşandy bolupdyr.

Amerikaly alym Benžamin Franklin ýyldyrymda elektrik energiýasynyň bardygyny batbörek arkaly subut edipdir.

Telefony oýlap tapan Aleksandr Graýam Bell hem ylmy açyşlary üçin bu enjamy ulanypdyr.

Antarktikanyň gar bilen örtülen ýerlerinde sanileri çekmek üçin hem batbörek ulanylypdyr.

**GYZYKLY GÜÝMENJE.** Tomus paslynyň dowam edýän şu günlerinde wagtymyzy has şadyýan we gyzykly geçirmek üçin dürli oýunlary oýnaýarys. Eýsem, siz batbörek uçuryp gördüňizmi?!

Elbetde, tehnologiýanyň ösmegi bilen häzirki wagtda batbörek ylmy maksatlar üçin ulanylmaýar. Şeýle-de bolsa bu ýönekeý gural has köp güýmenje maksady bilen ulanylýar. Hytaýda halkara batbörek festiwaly geçirilýär. Batböregi uçurmak üçin şemalyň öwüsmegine hem zerurlyk ýok. Ýeňil materialdan ýasalan batbörekler aňsatlyk bilen uçurylyp bilner. Batböregiň yzyndaky guýrujagy diňe owadanlyk üçin däl, eýsem, tizligini we deňagramlylygyny hem saklamaga ýardam edýär. Has belende galýan batbörekleriň ýüpi inçe bolsa, eliňizi kesmegi mümkin. Şol sebäpli ellik geýilse gowy bolar. Agaçlyk ýa-da elektrik geçirijileriniň golaýynda batbörek uçurmakdan gaça duruň! Ýel turan wagty bu oýnawaçlar bilen oýnamaň! Sebäbi ýyldyrym çaksa, howply bolup biler. Isleseňiz batböregiň taýýar görnüşini hem satyn alyp bilersiňiz ýa-da ony özüňiz hem ýasap bilersiňiz.



**NÄDIP ÝASAMALY?** Ilki iki taýajygy şekildäki ýaly atanaklaýyn daňyp ýa-da çüýläp, birleşdiriň! Kagyzy ýere ýazyp, üstüne atanak görnüşli agajy ýerleşdiriň! Gapdallaryndan epin üçin 2 sm çemesi goýup, daşyny kesiň! Ýelim bilen kagyzy ýelimläň! Ony skoç bilen has hem berkidiň! Iki gapdalyndan ýüp daňyň! Isleseňiz halka dakyp ýüpi şoňa hem daňyp bilersiňiz. Taýýar bolan oýnawajy uçurmak üçin size biriniň kömegi gerek bolar. Siz batböregiň uzyn ýüpüniň ujundan tutup şemala tarap ylgamaly, ýoldaşyňyz bolsa, ony ýokary galdyryp, belli bir wagtdan soňra goýbermeli.

**«Bir elýaglygyň burçlaryny atanaklaýyn epleseňiz, batböregiň esasy bölegi emele geler».**
*Benžamin Franklinuň dosty Peter Kollisona 1752-nji ýylda ýazan hatyndan.*

Batböregiň ýasalyşy baradaky ilkinji maglumat hytaýly filosof Mo Diniň (Mo-szy, b.e.ö 470-391 ýý.) ýazgylarynda gabat gelýär. Filosof tagta böleginden batbörek ýasamak üçin üç ýyl sarp edipdir. Ol ýüpekden we berk material bolan bambukdan peýdalanypdyr. Ilkinji hytaý batböreklerinde ýokary galdygysaýyn ýeliň güýjüne ses çykarýan görnüşleri hem bolupdyr. Bu batbörekler hyýaly gahrymanlaryň şekili bilen bezelipdir.

Ilkinji batbörekler tekiz we kwadrat şekilli bolupdyr. Häzirki wagtda bolsa, dürli şekilli, gabaraly batbörekler hem ýasalýar. Batbörekler güýmenje maksady bilen Aziýa ýurtlarynda has köp uçurylýar.

**Deňlemäniň dogry bolmagy üçin boş ýere (x), (:), (+) ýa-da (-) amallaryny goýuň!**

5 ◯ 2 ◯ 1 = 9

10 ◯ 4 ◯ 2 = 18

5 ◯ 3 ◯ 4 = 17

15 ◯ 5 ◯ 3 = 6




Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 6 | | | 3 | 1 | 2 |
| | | | 4 | 6 | |
| | | 6 | 5 | 3 | 4 |
| | | 3 | | | 1 |
| | | | 2 | | |
| 2 | 6 | | 1 | 5 | |




Labirint



*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# ILKINJI ÇEMPION — URUGWAÝ

**Ýene-de laýyk 150 günden Katarda futbol boýunça XX Dünýä Kubogyna badalga berler. Bizem şol mynasybetli gazetimizde yzygiderli ýagdaýda mundan öňki Dünýä Kubogy ýaryşlary baradaky maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**



Futbol oýny XX asyryň başynda futbolyň watany Britaniýanyň çäginden çykyp, yklymyň beýleki ýurtlarynda, şol sanda Günorta Amerikada iň esasy sporta öwrülip başlapdy. Futboly bir ýere jemlemek maksady bilen 1904-nji ýylda esaslandyrylan FIFA-nyň ilkinji kongresi ýene-de şol ýyl Parižde geçirilýär. 1919-njy ýylda Fransiýanyň futbol federasiýasynyň başlyklygyna saýlanan Žýul Rime federasiýanyň 1-nji sekretary wezipesine Anri Deloneni belleýär. Olaryň ikisi Dünýä Kubogyny geçirmek üçin tagalla baryny edýär. 1920-nji ýylda Žýul Rime FIFA-nyň prezidenti wezipesine saýlanýar. Şol ýyllarda milli ýygyndylaryň özara duşuşýan ýeketäk ýaryşy Olimpiýa oýunlarydy. Ýöne Olimpiýa oýunlarynda-da professionallar çykyş edip bilmeýärdi. Bu ýagdaý futbolçylary biynjalyk edýärdi. 1920-nji ýylda Belgiýanyň Antwerpen şäherinde geçirilen ýygnanyşykda Dünýä Kubogyny geçirmek barada hemmeler ylalaşýar. 1926-njy ýylda Deloni FIFA-nyň kongresinde: «Bu günki gün halkara futboly diňe Olimpiýa oýunlary bilen çäklendirilmeli däl. Ol indi bu çäge syganok. Häzirki wagtda ençeme ýurtda futbol professional derejede oýnalýar. Bu bolsa iň ökde oýunçylaryň Olimpiýa oýunlarynda çykyş edip bilmejekdigini aňladýar» diýip, märekä ýüzlenýär. Bu sözlerden soň Dünýä Kubogynyň geçirilmegi biragyzdan makullanylýar.

### ÝEWROPADAN 4 ÝYGYNDY GATNAŞÝAR

● Ilkinji Dünýä Kubogyny guramak üçin 4-si Ýewropadan jemi 5 ýurt – Ispaniýa, Italiýa, Niderlandlar, Şwesiýa hem-de Urugwaý isleg bildirýär. Çempionat üçin ýörite stadionyň guruljakdygy, şol sanda ýaryşa gatnaşjak ähli ýygyndylaryň çykdajylarynyň çekiljekdigi wada berilýär. 1930-njy ýylda ýurduň garaşsyzlygyna 100 ýylyň dolmagy, Urugwaýyň 1924-nji we 1928-nji ýyldaky Olimpiýa oýunlarynyň çempiony bolmagy, başgaça aýdylanda, şol wagtky futbolyň iň öňdebaryjy ýygyndysynyň Günorta Amerikanyň bu kiçijek ýurdunyň bolmagy FIFA-nyň ýolbaşçylaryny yrmak üçin ýeterlik sebäpler bolýar. Şeýlelikde, 1928-nji ýylyň 26-njy maýynda Amsterdamda bolup geçen FIFA-nyň kongresinde täze uly ýaryşyň ilkinji guraýjysy diýlip Urugwaý saýlanýar. Bu ýagdaýdan nägile bolan Ýewropanyň 4 ýurdy muňa jogap hökmünde, çempionata gatnaşmakdan ýüz öwürýär. Çempionata Ýewropadan gatnaşjak ýygyndy tapylmaýar. Soňra Žýul Rime käbir ýygyndylary yrmak üçin aýlanyp çykýar. Netijede, öz ýurdy Fransiýadan başga Belgiýanyň, Ýugoslawiýanyň hem-de Rumyniýanyň ýygyndylary gatnaşmaga razylyk berýär. Beýleki ýurtlar ykdysady ýetmezçilik, ummandan geçmegiň kynçylygy, aranyň daşlygy... ýaly sebäplerden gatnaşmakdan boýun towlaýarlar. 3 ýygyndynyň – Fransiýanyň, Belgiýanyň hem-de Rumyniýanyň futbolçylary bir gämide Urugwaýa gidýärler. Şeýlelikde, ilkinji Dünýä Kubogyna Ýewropadan 4, Günorta Amerikadan 7, Demirgazyk Amerikadan 2 ýygyndy, jemi 13 topar gatnaşýar. Toparlar 4 toparçada çykyş edip, 1-nji toparçada 4, beýlekilerinde-de 3 ýygyndy özara güýç synanyşmaly edilýär. Ýer eýesi Urugwaý, Argentina, Braziliýa we ABŞ esasy faworitler hökmünde bijä gatnaşýar.




### EMIN DUŞUŞYGY WAGTYNDAN ÖŇ TAMAMLAÝAR

● 1930-njy ýylyň 13-nji iýulynda başlan çempionatyň ilkinji iki oýny şol bir wagtda bat alýar. Ilkinji duşuşyklarda Fransiýa Meksikany 4–1, ABŞ bolsa Belgiýany 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Fransiýa–Meksika duşuşygynyň 19-njy minutynda tapawutlanan fransiýaly Lusien Loren Dünýä Kubogynyň taryhyndaky ilkinji goly geçiren futbolçy hökmünde adyny altyn harplar bilen ýazdyrýar. 1-nji toparçanyň iň ýatda galan oýny Argentina bilen Fransiýanyň arasyndaky duşuşyk bolup, braziliýaly emin Almeida Rego ýalňyşlyk bilen 1–0 hasabynda utulyp barýan Fransiýanyň hüjümi dowam edýän pursatynda duşuşygy wagtyndan 6 minut öň tamamlaýar. Dessine FIFA-nyň degişli ýolbaşçylary tarapyndan egin-eşiklerini çalşan futbolçylar täzeden meýdança çykarylýar we oýnuň galan 6 minuty oýnadylýar. Toparçadaky ähli oýnunda-da ýeňip, 6 utuk toplan Argentina ýarym finala çykýar (her ýeňşe 2 utuk berilýärdi). 2-nji toparçada Ýugoslawiýa Braziliýany 2–1 hasabynda ýeňýär. Soňra iki topar hem Boliwiýany 4–0 hasabynda utýar. Şeýlelikde, 4 utuk toplan Ýugoslawiýa ýaryşy dowam etdirýär. 3-nji toparçada «Sentenario» stadionynyň gurluşygy doly tamamlanýança Urugwaý duşuşyk geçirmeýär. Ilkinji duşuşygyny çempionat başlanyndan 5 gün soň oýnan Urugwaýyň ýygyndysy ilki Peruwy 1–0, soňra Rumyniýany 4–0 ýeňip, aňsatlyk bilen ýarym finala çykýar. 4-nji toparçada ABŞ-nyň ýygyndysy Belgiýany-da, Paragwaýy-da 3–0 hasabynda utup, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar. Belgiýanyň derwezesinden 3 gol geçiren Bert Patanaude Dünýä Kubogynyň taryhynda het-trik eden ilkinji futbolçy bolýar. Şondan 2 gün soň 1-nji toparçada Argentinanyň Meksikany 6–3 hasabynda ýeňen duşuşygynda Stabile 3 gezek tapawutlanýar.

### 6–1 HASABYNDA TAMAMLANAN ÝARYM FINAL OÝUNLARY

● Ýarym finalyň iki duşuşygy hem 6–1 hasabynda tamamlanýar. Argentina bilen ABŞ duşuşýar. Argentinler 1-nji ýarymda 1–0 hasabynda öňe saýlanýarlar. Esasy oýunçysy Treýsiniň şikes almagyndan soň ABŞ 2-nji ýarymda 5 gol geçirdip, 6–1 hasabynda utulýar. Duşuşykda Stabile we Peusellanyň hersi 2 gol geçirýär. Beýleki ýarym finalda Ýugoslawiýa 4-nji minutda öňe saýlanýar. 18-nji minutda meýdançanyň daşyna barýan topy gapdalda duran polisiýa işgäri aýagy bilen saklaýar. Şol pursatdan soň Pedro Sea hasaby deňleýär. 20-nji minutda Anselmo Urugwaýy öňe çykarýar.



Urugwaýlylaryň topy    Argentinleriň topy

Bu goldan soň ýugoslawlar hasaby deňlese-de, braziliýaly emin arassa goly ofsaýt bahanasy bilen hasaba almaýar. Netijede, Urugwaý Pedro Seanyň 3 gol geçiren bu oýnunda (ýaryşyň 3-nji het-trigi) 6–1 hasabynda utup, finala çykýar.

### HER KIM ÖZ TOPUNDA ÝEŇÝÄR

● Ilkinji Dünýä çempionyny kesgitlejek final oýny 30-njy iýulda Montewideodaky «Sentenario» stadionynda, Günorta Amerika yklymynyň iki wekili, araçägini Plata derýasynyň kesýän iki ýurdy – Urugwaý bilen Argentinanyň arasynda oýnalýar. 93 müň adamyň tomaşa eden oýnuna belgiýaly Jon Lanjenus eminlik edýär. Duşuşygyň 1-nji ýarymy argentinleriň topy bilen oýnalýar. Oýnuň 12-nji minutynda ýer eýesi Urugwaýyň oýunçysy Dorado hasaby açýar. 20-nji minutda Peuselleniň hasaby deňlemeginden soň, Stabile 37-nji minutda argentinleri öňe saýlaýar. Duşuşygyň 2-nji ýarymy urugwaýlylaryň topy bilen oýnalyp, Sea (59), Iriarte (69) hem-de Kastronyň (89) gollary esasynda ýer eýeleri 4–2 hasabynda ýeňiş gazanýar.

3-nji ýer üçin duşuşyk geçirilmän, ýarym finalda utulan iki toparyň çempionatdaky oýunlaryna seredilip, ABŞ bürünç medalyň eýesi diýlip kesgitlenilýär.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

◆ Çempionata gatnaşan Rumyniýanyň milli ýygyndysynyň düzümini ýurduň şasy Karol II saýlaýar.

◆ 1-nji toparçadaky Argentina bilen Çiliniň arasyndaky oýunda her toparyň tälimçileri Dünýä çempionatlarynyň taryhyndaky iň ýaş tälimçiler bolýar (Huan Hose Tramutola 27 ýaş, Gýorgi Orth 29 ýaş).

◆ Duşuşyklar paýtagt Montewideodaky 3 stadionda («Positos» – 10 000, «Parkue Sentral» –20 000, «Sentenario» – 90 000) oýnalyp, iň az sanly stadionda geçirilen çempionat hökmünde taryha girýär.

◆ Final oýnunyň geçirilen «Sentenario» (100-nji ýyl diýen manyny aňladýar) stadiony çempionat üçin, şol sanda ýurduň garaşsyz bolanyna 100 ýylyň dolmagy sebäpli geçiriljek dürli çäreler üçin ýörite gurulýar.

◆ 3-nji toparçadaky Rumyniýa—Peru duşuşygyna bary-ýogy 300 janköýer tomaşa edýär.

◆ Final oýnunyň ertesi güni bolan 31-nji iýul çempionlyk gazanan Urugwaýda milli dynç güni diýlip yglan edilýär.

◆ Ilkinji Dünýä Kubogynda çykyş etmek üçin saýlama oýunlary geçirilmeýär. Gatnaşan 13 milli ýygyndy ýörite çakylyk boýunça bu ýerde çykyş edýär.

◆ Çempionata jemi 15 emin (baş emin, gapdal emin) gatnaşýar (Belgiýadan 2, Fransiýadyr Rumyniýadan hem-de Meksikadan 1, galany-da Günorta Amerika yklymynyň wekilleri bolup, olaryň 6-sy Urugwaýdan).

◆ Dünýä çempionatyna gatnaşan ýurtlaryň Urugwaýa barýança haýsy toparçada çykyş etjekdigi belli edilmändi. Bijeler ähli topar Urugwaýa geleninden soň çekilýär.

◆ Dünýä Kubogynyň taryhyndaky ilkinji goly fransiýaly Lusien Loren derweze girizýär (Fransiýa-Meksika: 4–1). Ilkinji penalti urgusyny meksikaly Manuel Rosas ýerine ýetirýär (Argentina-Meksika: 6–3). Öz toruna girizilen ilkinji gol hem meksikaly Manuel Rosasa degişli bolup, ol bu oýundan 3 gün toparynyň Çili bilen geçiren duşuşygynyň 52-nji minutynda topy öz derwezesinden girizýär (Çili–Meksika: 3–0).

◆ 1930-njy ýyldaky ilkinji Dünýä Kubogynda çempion bolan futbolçylaryň iň soňkusy Ernesto Maskeroni 1984-nji ýylyň 3-nji iýulynda 76 ýaşynda, şol çempionata gatnaşan futbolçylaryň iň soňkusy argentinaly Fransisko Warallo 2010-njy ýylyň 30-njy awgustynda, ýagny çempionatdan 80 ýyl soň, 100 ýaşynda aradan çykýar.

◆ Çempionatyň iň köp gol geçiren futbolçysy argentinaly Gillermo Stabile ilkinji oýunda esasy düzümde meýdança goýberilmeýär. Toparyň esasy hüjümçisi Manuel Ferreira uniwersitet synaglary üçin Urugwaýdan öz ýurdy Argentina dolanýar. Şondan soň tälimçi Stabileni meýdança çykarýar. Ol 4 oýunda 8 gol geçirýär.

**Çempion:** Urugwaý
**Finalçy:** Argentina
**3-nji ýer:** ABŞ
**4-nji ýer:** Ýugoslawiýa

**Gatnaşan toparlar (13):** Urugwaý, Argentina, Belgiýa, Boliwiýa, Braziliýa, Fransiýa, Çili, Rumyniýa, Ýugoslawiýa, Meksika, Peru, Paragwaý, ABŞ

**Geçirilen wagty:** 13-30-njy iýul (1930)
**Oýnalan duşuşyk:** 18 oýun
**Geçirilen gol:** 70 (ortaça 3,9)
**Tomaşaçy:** 434 500 (ortaça 24138)

**DIKLIGINE:** **1.** Üç-dört aýlyk guzy. **2.** Ikuçlulygy görkezýän baglaýjy kömekçi. **3.** Göze ýakymly, mylaýym, ajaýyp, gözel. **4.** Bedeni syh-syh, ala uzyn tikenli jandar. **5.** Ýewropada bir millet. **6.** Ýol urýan adam, talaňçy. **7.** Dikuçar kysymy. **8.** Ördegiň bir görnüşi. **9.** Endam, beden. **10.** Zäherli ýylan. **11.** Top, pökgi görnüşinde. **12.** Uçar kysymy. **13.** Masgara, ryswa, wejera. **20.** Çalyň ýüzüne galýan goýy galdyrym. **22.** Biçilen erkek düýe. **23.** Eýerçi, eýer ussasy. **24.** Taňrynyň beren paýy, rysgal. **25.** Halyçylykda ulanylýan gural. **33.** Tagamy duzly, duzy artyk. **35.** Bir zadyň aşagy, düýbi, teýi. **37.** Çagalara gözegçilik etmek bilen meşgullanýan aýal. **42.** Gurhanyň ýediden bir bölegi. **43.** San. **44.** «Dagdan indim, daşdan indim» (matal). **45.** Bolmalysyndan artyk, öte, agdyk. **46.** Kirişli saz guraly. **47.** Keýpi kök, hoşal. **49.** Ite berilýän iýmit. **58.** On iki sagatlyk suw nobaty, dört suw. **60.** Özbegistanda bir şäher. **62.** Ygalyň bir görnüşi. **63.** Göçülende tärim, uk, çagaryk ýaly öý goşlary ýüklenýän ýük. **65.** Ýiteldiji gural. **66.** Kyblanyň garşysy ýa-da demirgazyk bilen gündogar tarapyň aralygy. **67.** Agyr zatlary götermek üçin iki adam bolup göterilýän dört tutawaçly gural. **73.** Küşt oýnunyň köneçe atlandyrylyşy. **74.** Köpeltmek üçin goýulýan gor, tygşytlanan pul, emläk. **75.** Balyk tutmak üçin ulanylýan çarşak görnüşli esbap. **76.** Türkmen nusgawy şahyry. **77.** Boýy 20-25 sm, baldagy ak gülli iýilýän ot. **79.** Halk hojalygynyň bir pudagy. **82.** Kümüşsöw reňkli metal. **85.** Mähelle, märeke, üýşmeleň. **90.** Harmanyň ortasyna dikilýän agaç. **92.** Adamyň bedeninde bolýan gara meň ýa-da gyzgylt tegmil. **95.** Edermen, batyr, gaýratly. **96.** Küşt maly. **97.** Daň bilen, säher, gün dogmazdan öň.

**KESELIGINE:** **1.** Saz guraly. **4.** Gumda bitýän, odun üçin ulanylýan ösümlik. **6.** Sesleriň yzygiderli peselmegi ýa-da ýokarlanmagy. **9.** Horaz (köne söz). **11.** Bir zada görülýän taýýarlyk, bir zat üçin edilýän alada. **14.** Saz notasy. **15.** Ýer sürülýän gural. **16.** Sungatyň bir görnüşi. **17.** Oýnuň düzgünine seredýän adam. **18.** Birine karz berlen pul. **19.** Adamyň wepaly dosty. **21.** Aýal dogan. **24.** Akyl, aň arkaly emele gelýän içki duýgy. **26.** Bir zadyň daşyna edilen germew. **27.** Ýurdumyzda bir şäher. **28.** Öýle wagtlary ýagyp, derrew hem diňýän güýçli ýagyş. **29.** Bir zatdan çekinjeňlik, gaça durmaklyk. **30.** Käriz guýularynyň suwunyň akyp geçýän ýoly. **31.** Miwe. **32.** Tejribesiz, bilimsiz, düşünjesiz. **34.** Nusgawy edebiýatda gündogaryň atlandyrylyşy. **36.** Sypatlaryň kemlik derejesiniň goşulmasy. **37.** Dişiň daşyny örtýän syrça. **38.** Grek elipbiýiniň bir harpy. **39.** Suw akýan ýa-da bir wagt suw akan jar. **40.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **41.** On iki ýyla deň bolan wagt aralygy. **43.** Özüňden kiçi erkek dogan. **44.** Türkmen halk dessanlarynyň bir gahrymany. **46.** Ot, alaw. **48.** Gargydan ýasalan tüýdügiň bir görnüşi. **50.** Kesel bejerýän serişde, derman. **51.** Iki ujuna tigir geýdirilýän uzyn demir. **52.** Ýüplik egirmek üçin ýönekeýje gural. **53.** Görkezme çalyşmasy. **54.** Halk, ilat, adamlar. **55.** Hile, mekirlik, aldaw. **56.** Süýreniji jandar. **57.** Gadymy türkmen saz guraly. **59.** Matematikada näbelliligiň belgisi. **61.** Messepsiz, tutanýerli däl, durnuksyz. **64.** Ownuk samana kepek, paçak ýaly zatlar garylyp edilýän mal iými. **66.** Atyň toýnagyna kakylýan demir. **68.** Goşa, iki örküçli düýe. **69.** Ýeriň hemrasy. **70.** Ýagtylyk beriji enjam. **71.** Saz notasy. **72.** Maňlaýy bir şahly uly jandar. **73.** Dürli ýogynlykda çybyk görnüşli metal önüm. **74.** Towuk, guş (köne söz). **76.** Iki tarapyň gepleşikli, ylalaşykly ortada goýýan wadasy, talaby. **78.** Gyzgylt reňkli ýumşak metal. **80.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **81.** Ýyl hasabynyň ulgamy. **82.** Bakja ekini. **83.** Iner bilen kärderiden bolan düýe. **84.** Birnäçe sesleriň goşulmagyndan dörän güýçli şowhun, galmagal. **86.** Awtoulag kysymy. **87.** Edeplilik, sypaýylyk. **88.** Meşhur kinoaktýor Brýus ... **89.** Uguň ýonulyp inçelen ujy. **90.** Gün ortadan agandan soňky wagt. **91.** Ne ajy, ne-de süýji, tagamsyz. **93.** Ýewropada paýtagt şäher. **94.** Baglaýjy kömekçi. **98.** Käkilige meňzeş aw guşy. **99.** Däneliler maşgalasyna degişli bolan bogun-bogun baldakly meýdan oty. **100.** Hemişekisi ýaly bolup duran, öwrenişilen. **101.** Gadymy kirişli saz guraly. **102.** Oňurganyň çanaklyk süňki bilen birigýän ýeri.



## 30-njy KROSSWORD

**Aýsere TAGANDURDYÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

7-nji Skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| D | O | W | A | M | A | T | | G | | G | | M |
| | | A | | | Ý | | S | A | H | A | R | A |
| G | A | T | A | K | A | R | | B | | R | E | Ý |
| | | A | | A | N | A | D | O | L | Y | | S |
| O | W | N | U | K | | J | | N | A | N | | A |
| R | | Ç | | A | M | A | N | | P | | T | |
| A | L | Y | | | A | | A | Ý | A | M | A | K |
| Z | | | M | A | R | | Z | | S | A | Ý | A |
| A | L | M | A | | I | Ş | A | N | | Ý | | I |
| | A | | Ý | | | A | R | A | M | | A | R |
| A | Ý | R | A | K | | N | | Ý | | | L | |
| R | | | | E | T | A | N | | A | Ý | A | N |
| L | I | W | I | Ý | A | | I | | S | A | B | A |
| A | | A | | I | N | E | K | | A | Z | A | L |
| N | | H | A | K | A | | A | Ý | N | | Ý | A |



# ILDEŞIMIZ DÜNÝÄNIŇ WISE-ÇEMPIONY BOLDY



Meksikanyň Leon şäherinde geçirilen agyr atletika boýunça ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionatynda ildeşimiz kümüş medal gazandy. Erkekleriň arasynda 96 kg agram derejede çykyş eden Saparly Muhyýew dünýäniň wise-çempiony boldy. Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliginiň 6-njy sport mekdebiniň türgeni bolan Saparly Muhyýew birbada götermekde 133 kg agramy galdyrdy. Ol bu görkeziji bilen 2-nji, iteklap götermekde-de 167 kg agramy göterip, 3-nji orny eýeledi. Umumylykda 300 kilogram agramy galdyran ildeşimiz kümüş medala mynasyp boldy. Bu agram derejesinde altyn medaly gruziýaly Gerwasi Tabagari eýeledi (140 kg, 177 kg, 317 kg). Münberiň üçünji ornuna bolsa ildeşimiz bilen deň agramy galdyran meksikaly Pablo Medina çykdy. Şeýle-de, bu agram derejesinde bäsleşen başga bir ildeşimiz Surajbek Sapaýew umumylykda 292 kg agram bilen 5-nji ýeri eýeledi.

Ýeri gelende aýtsak, erkekleriň arasyndaky 55 kg agram derejesinde Perhat Bagtyýarow iteklap götermekde 125 kg agram bilen kiçi kümüş medala mynasyp boldy. Gyzlaryň arasynda-da 59 kg agramda ýaryşan Medine Amanowa birbada götermekde 83 kg agramy galdyryp, kiçi bürünç medal gazanypdy.

# «ALTYN ASYR» BILEN «KÖPETDAGYŇ» TOPARÇADAKY DUŞUŞYKLARY BAŞLANÝAR

AFK Kubogynyň toparçalarynda çykyş etjek klublarymyzyň duşuşyklaryna şu gün badalga berler. Yklymyň ikinji derejeli klub ýaryşy bolan AFK Kubogyna ýurdumyzyň adyndan çempion «Altyn asyr», şeýle-de «Köpetdag» toparlary wekilçilik ederler. «Altyn asyr» topary 8-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda «E» toparçada Özbegistanyň «Sogdiana» (Jizzah), Täjigistanyň «SSKA Pamir» (Duşanbe) hem-de Gyrgyz Respublikasynyň «Neftçi» (Koçkor-Ata) toparlary bilen duşuşar. Toparçada her klub 3 duşuşyk geçirer, ýagny her klub bir-biri bilen özara 1 gezek duşuşar. Duşuşyklaryň ählisi-de merkezleşdirilen ýerde, Täjigistanyň paýtagty Duşanbe şäherindäki 20 müň orunlyk «Pamir» stadionynda oýnalar. «Altyn asyr» topary şu gün ilki ýer eýeleri «SSKA Pamir» bilen duşuşar. Aragatnaşykçylar 2-nji duşuşygyny 27-nji iýunda «Neftçi» bilen geçirer. 30-njy iýunda bolsa «Sogdiana» bilen duşuşar. Toparçada 1-nji orny eýelän klub ýaryşy dowam eder.

Bu bäsleşige ilkinji gezek gatnaşýan «Köpetdag» topary «F» toparçada Täjigistanyň «Hujand» (Hujand) hem-de Gyrgyz Respublikasynyň «Dordoý» (Bişkek) toparlary bilen güýç synanyşar. «Köpetdag» şu gün «Hujand» bilen duşuşsa, 27-nji iýunda «Dordoý» bilen oýnar. Toparçada 1-nji orny eýelän klub indiki tapgyra çykar. Duşuşyklaryň ählisi-de Bişkekdäki Dolen Omurzakowyň adyny göterýän stadionda oýnalar.




# 3-nji finalynda kubogy eýelemegi başardy

Özbegistanyň paýtagty Daşkent hem Garşy şäherlerinde geçirilen futbol boýunça ýaşlaryň arasyndaky Aziýa Kubogynda (U23) Saud Arabystanynyň ýygyndysy ýeňiş gazandy. Araplar Daşkentdäki «Milliý» stadionynda oýnalan finalda ýer eýeleri Özbegistanyň ýaşlar ýygyndysyndan 2-0 hasabynda üstün çykyp, 5-nji gezek geçirilýän ýaryşda ilkinji ýola kubogy eýelediler. Saud Arabystanyna çempionlyk getiren gollary 48-nji minutda Ahmed Al-Hamdi hem-de 74-nji minutda Firas Al-Buraikan geçirdi. Şeýlelikde, Saud Arabystanynyň ýygyndysy 3-nji finalynda ilkinji gezek ýaşlaryň arasynda Aziýanyň çempiony bolmagy başardy. Olar mundan ozal, 2013-nji ýylda finalda Yrakdan, 2020-nji ýylda-da Koreýa Respublikasyndan asgyn gelipdi.



2018-nji ýylyň çempiony Özbegistanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezek kümüş medala mynasyp boldy. Özbekler 2020-nji ýylda 4-nji ýeri eýeläpdi.

20 güne golaý wagt dowam eden çempionatda 5 futbolçy 3 gol geçirip, iň netijeli futbolçy boldy. Ýöne olardan koreýaly Ço Ýun-wuk şol 3 goly bäsdeşlerine garanyňda az wagtda geçirip, baýraga laýyk görüldi. Çempion toparyň ýarymgoragçysy Aýman Ýahýa çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Arabystanly derwezeçi Nawaf Al-Akidi çempionatyň iň ökde derwezeçisi diýlen baýrak bilen sylaglandy.


Aýman Ýahýa

Baýrakly 3-nji ýer ugrundaky duşuşykda Ýaponiýanyň ýaşlar ýygyndysy Awstraliýany 3–0 hasabynda ýeňip (Sato 7, Trewin 39 ö.d., Fujio 63), ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

# «Golden Steýt Warriors» 7-nji gezek NBA-nyň çempiony

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da 76-njy möwsüminiň çempiony belli boldy. Finalyň 6-njy duşuşygynda umumy hasapda öňde barýan «Golden Steýt Warriors» myhmançylykda «Boston Seltiksi» 103:90 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şeýlelikde, umumy hasapda 4:2 öňe saýlanan «Golden Steýt Warriors» topary soňky 8 ýylda 4-nji, umumylykda-da 7-nji gezek NBA-nyň çempionlygyny gazandy (1947, 1956, 1975, 2015, 2017, 2018, 2022). Topar bu ugurda «Çikago Bullsdan» öňe saýlanyp, NBA-nyň iň köp çempionlyk gazanan 3-nji kluby boldy. Mälim bolşy ýaly, NBA-da 17 gezek çempion bolan «Los Anjeles Leýkers» bilen «Boston Seltiks» 1–2-nji orunlary paýlaşýarlar.



Duşuşykda 34 utuk geçirip, toparynyň çempionlygyna uly goşant goşan Stefen Körri final oýunlarynyň iň gymmatly oýunçysy (MVP) diýlip saýlandy. Bu baýragy ilkinji gezek gazanan Körri 4-nji sapar NBA-nyň çempiony bolmagy başardy.


Stefen Körri

# «Kolorado» ýeňşiň bosagasynda

● Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de finalyň 2–3–4-nji duşuşyklary oýnaldy. Stenli Kubogy ugrundaky final duşuşyklarynyň 2-njisinde «Kolorado Ewalanş» topary öz meýdançasynda «Tampa Beý Laýtning» toparyny 7:0 hasabynda ýeňdi. Bu oýunda Waleriý Niçuşkin bilen Keýl Makaryň hersi 2 gezek tapawutlandy. Seriýanyň 3-nji duşuşygy soňky çempion «Tampa Beýiň» meýdançasynda geçip, ýer eýeleri 6:2 hasabynda üstün çykdy. Floridada oýnalan 4-nji duşuşykda bolsa, «Kolorado Ewalanş» topary owertaýmda 3:2 ýeňiş gazanyp, umumy hasapda 3:1 öňe saýlandy. 25-nji iýunda Koloradoda oýnaljak 5-nji duşuşykda «Kolorado Ewalanş» ýeňiş gazansa, çempionlygyny yglan eder.



# Çempionat dowam edýär

Wengriýanyň paýtagty Budapeştde dowam edýän 19-njy FINA Suw sportlary Dünýä çempionatynyň birinji hepdesi tamamlandy. Ilkinji hepdede ýüzmek hem-de sinhronlaýyn ýüzmek boýunça ýaryşlar geçirilip, medallar gowşuryldy. Sinhronlaýyn ýüzmegiň ýekeleýin tehnik görnüşinde ýaponiýaly Ýukiko Inui altyn, ukrainaly Marta Fiedina kümüş, gresiýaly Ewangeliýa Plataniori bürünç medal gazandy. Bu ugurda altyn medaly ilkinji gezek russiýaly bolmadyk türgen eýeledi. Jübütleýin we toparlaýyn tehniki görnüşde münberiň iň ýokary basgançagyna hytaýlylar çykdy. Erkin kombinasiýa görnüşde ukrainaly gyzlar öňe saýlandy. Garyşyk jübütleýin ýaryşda-da italýanlar altyn medala mynasyp boldy.



Ýüzmek boýunça erkekleriň arasynda 200 metr erkin ýüzmekde rumyniýaly Dawid Popowiçi ýaşlaryň arasynda rekord goýup, çempionlyk gazandy. 17 ýaşly ýüzüji bu ugurda dünýäniň çempiony bolan iň ýaş türgen hökmünde hasaba alyndy. 400 metr erkin ýüzmekde awstraliýaly Eliýah Winnington, 800 metr erkin ýüzmekde amerikaly Robert Fink altyn medala mynasyp boldy. 100 metr arkanlaýyn ýüzmekde italiýaly Tomas Çekkon Dünýä rekordyny goýup, altyn medal gazandy (51,60 sekunt). 50 metr kebelekleýin ýüzmekde amerikaly Kaleb Dressel ýeňiş gazanyp, Dünýä çempionatlaryndaky 14-nji altyn medalyna mynasyp boldy. 200 metr kebelekleýin ýüzmekde wengriýaly Kristof Milak öz rekordyny täzeläp, bassyr 2-nji gezek altyn medal gazanmagy başardy.

# F1-de Werstappen, Moto GP-de Kuartararo arany açýar







Formula 1 boýunça möwsümiň 9-njy ýaryşy Kanadada geçirildi. Ýurduň Monreal şäherindäki Žill Willnýow adyndaky trassada geçirilen 70 aýlawlyk ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ilkinji hatardan başlan niderland sürüjisi 1 sagat 36 minut 21,757 sekuntda pellehanadan geçip, şu möwsümde 6-njy gezek 1-nji orny eýeledi. Bu onuň karýerasyndaky 26-njy ýeňşidir.

Werstappenden sähelçe, ýagny 0,993 sekunt soň ýaryşy tamamlan «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior 2-nji ýere mynasyp boldy. Ýeňijiden 7 sekunt soň pellehanadan geçen «Mercedes» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton 3-nji orny eýeledi. Onuň watandaşy hem topardaşy Jorj Rassell ýaryşy 4-nji ýerde tamamlady. 19-njy bolup ýaryşa goşulan monakoly Şarl Leklere bäsleşigi 5-nji orunda tamamlamak başartdy. 2-nji orundan bat alan ispaniýaly Fernando Alonso 9-njy orun bilen kanagatlanmaly boldy.

Kanada «Gran Prisinden» soň sanawyň başyny çekýän Maks Werstappen utugyny 175-e ýetirdi. Kem-kemden arany açýan Werstappenden 46 utugy az bolan topardaşy Serhio Perez (Meksika) 2-nji, 126 utukly Şarl Lekler 3-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 10-njy «Gran Prisi» 3-nji iýulda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.

● Moto GP boýunça möwsümiň 10-njy bäsleşigi Germaniýa «Gran Prisinde» «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo ýeňiji boldy. Ol Germaniýanyň Kemnitz şäherindäki «Saksenring» trassasynda geçirilen ýaryşda 30 aýlawy 41 minut 12,861 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki 3-nji, karýerasy boýunça 11-nji ýeňşini gazandy. Kuartararodan 4,9 sekunt gijä galan fransiýaly Ýohann Zarko («Ducati Prima Pramac») 2-nji, 8,3 sekunt soň pellehana gelen awstraliýaly Jek Miller («Ducati Lenovo») 3-nji ýeri eýeledi.

Moto GP-de möwsümiň deň ýarysy tamamlanyp, Fabio Kuartararo 172 utuk bilen öňdeligini saklap gelýär. 2-nji ýerdäki ispaniýaly Aleiks Espargaronyň 138, 3-nji orunda barýan Ýohann Zarkonyň 111 utugy bar.

Möwsümiň 11-nji ýaryşy 26-njy iýunda Niderlandlarda geçiriler.

# Eýranyň ýygyndysy

Dünýä Kubogyna tarap

**Katar 2022-ä gatnaşýan ýygyndylar baradaky gysgaça maglumatlarymyzy siziň dykgatyňyza ýetirmegimizi dowam edýäris. Bu gezekki makalamyz Aziýanyň başga bir güýçli wekili, goňşy Eýran Yslam Respublikasynyň ýygyndysy barada bolar.**



Yklymyň öňdebaryjy futbol ýurtlarynyň hatarynda agzalýan Eýranda futbol federasiýasy 1928-nji ýylda döredilýär. 1948-nji ýylda FIFA-nyň, 1954-nji ýylda-da AFK-nyň agzalygyna kabul edilýär.

Dünýä Kubogy ýaryşlarynda 6-njy gezek çykyş etjek Eýranyň ýygyndysy DK-niň saýlama tapgyrlaryna Germaniýa 1974-den bäri gatnaşýar. Irki ýyllarda FIFA-nyň agzasy bolmandygy üçin, soňky ýyllarda bolsa, dürli sebäplerden Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň daşynda galýar. Germaniýa 1974 Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda Awstraliýadan utulyp, ilkinji synanyşygyny şowsuz geçirýär. 1978-nji ýylda Argentinada geçirilen ýaryş Eýranyň ýygyndysynyň gatnaşan ilkinji Dünýä Kubogy bolýar. Saýlama tapgyrynyň final bölegini ýeňlişsiz tamamlan Eýranyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda 4-nji toparçada Niderlandlardan 4–0 utulýar. Şotlandiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnap, ilkinji utugyny gazanýar. Duşuşykda Eýranyň ýygyndysynyň goluny Iraj Danaeifard geçirip, ol Dünýä Kubogynda tapawutlanan ilkinji eýranly futbolçy bolýar. Toparçadaky 3-nji duşuşygynda Peruwyň ýygyndysyndan 4–1 utulýar. Oýunda Eýranyň ýeke-täk goluny Hassan Rowşan geçirýär.


Eýranyň ýygyndysy 1976-njy ýylda Aziýa Kubogynda.

1982-nji ýyldaky DK-niň saýlama tapgyryna gatnaşmakdan ýüz öwren Eýranyň ýygyndysy 1986-njy ýyldaky Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna bolsa, sebitde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli alynmaýar. Olara 1990-njy ýylda Italiýada, 1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen Dünýä Kubogy ýaryşlaryna-da gatnaşmak başartmaýar. 1998-nji ýylda Fransiýada geçirilen Dünýä Kubogy Eýranyň ýygyndysynyň 20 ýyldan soň gatnaşan ilkinji, umumylykda 2-nji Dünýä Kubogy bäsleşigi bolýar. «F» toparçada Ýugoslawiýadan 1–0 utulan Eýran 2-nji duşuşygynda, taryhy duşuşykda ABŞ-nyň ýygyndysyny Hamid Estili (40) hem-de Mehdi Mahdawikianyň (84) gollary bilen 2–1 ýeňýär. Eýranlylar 3-nji duşuşygynda nemeslerden 2–0 ýeňilýär. 2002-nji ýylda Aziýada geçirilen ýaryşa pleý-offda Irlandiýadan utulyp, gatnaşyp bilmeýär. Eýranyň ýygyndysynyň gatnaşan 3-nji Dünýä Kubogy 2006-njy ýylda Germaniýada geçirilen çempionat bolýar. Olar bu ýaryşda «D» toparça düşüp, ilki Meksikadan 3–1, soňra Portugaliýadan 2–0 asgyn gelýär. 3-nji duşuşygynda-da Angola bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar (Bahtiýarzadeh 75 – Flawio 60).


Dragon Skoçiç

Günorta Afrika 2010 Dünýä Kubogynyň daşynda galan Eýranyň ýygyndysy 2014-nji ýylda Braziliýada geçirilen ýaryşa gatnaşýar. «F» toparçada Nigeriýa bilen golsuz deňme-deň oýnan eýranlylar Argentinadan 1–0, Bosniýa we Gersegowinadan hem 3–1 ýeňilýär. 2018-nji ýylda Russiýadaky Dünýä Kubogy Eýranyň ýygyndysy üçin iň şowly geçen çempionat bolýar. Marokkony Buhadduzyň 90+5-nji minutdaky penalti goly bilen ýeňen Eýranyň ýygyndysy 2-nji oýnunda Ispaniýadan 1–0 utulýar. 3-nji duşuşygynda Portugaliýa bilen duşuşyp, soňky minutlarda (90+3) ýene-de penaltiden Ansarifardyň geçiren goly esasynda hasaby deňlän Eýranyň ýygyndysy 4 utuk toplaýar. Ýöne bu olaryň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik bolmaýar.

**Eýranyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda 15 duşuşykda 2 gezek ýeňiş gazanýar, 4 sapar deňme-deň oýnap, 9 oýunda hem ýeňilýär. 9 gol geçirip, 24 goly hem geçirdýär. DK-niň saýlama tapgyrynda 146 oýunda 92 gezek ýeňiş gazanýar. 35 oýunda deňme-deň oýnap, 19 duşuşykda-da ýeňilýär (316 — 89 gol).**

Ilkinji duşuşygyny 1941-nji ýylda Owganystan bilen geçiren (0–0) Eýranyň ýygyndysynyň iň uly hasaply ýeňşi 2000-nji ýylda bellige alynýar. Şonda eýranlylar Guamyň ýygyndysyny 19–0 hasabynda ýeňýär. Olaryň iň uly hasaply ýeňlişi hem Türkiýe bilen bolan oýunda hasaba alnyp, 1950-nji ýyldaky duşuşykda 6–1 hasabynda asgyn gelýär.

Aziýa Kubogyny 1968–1972–1976-njy ýyllarda yzly-yzyna 3 gezek eýelän Eýranyň ýygyndysy şol çempionlyklardan soň finala hem çykyp bilmeýär. Günbatar Aziýanyň çempionatynda 4 gezek çempion bolan Eýranyň ýygyndysynyň iň köp duşuşyk geçiren futbolçysy Jawad Nekunamdyr. Ol 151 oýunda meýdança çykyp, 149 oýun geçiren Ali Daeiden hem-de 127 duşuşykda oýnan Ali Karimiden öňde barýar.

Eýranyň milli ýygyndysynyň Iň köp gol geçiren futbolçysy Ali Daei bolup, ol 109 goly derweзä girizýär. Ali Daei ençeme ýyllap tutuş dünýäde milli ýygyndylaryň iň netijeli futbolçysy rekordyny özünde saklaýar (Rekordy geçen ýyl Ronaldo täzeleýär). Ali Daeiden soň Karim Bageri 50, häzir hem çykyş edýän Serdar Azmun 40 gol bilen 2–3-nji orunlary paýlaşýarlar.

Eýranyň ýygyndysyna häzirki wagtda horwatiýaly 53 ýaşyndaky Dragon Skoçiç tälim berýär. Ondan öň bu ýygynda tälim beren ýerli tälimçilerden Heşmat Mohajerani, Parwiz Dehdari, Ali Parwin, Ali Daei ýaly ýurduň belli-belli futbol hünärmenlerini agzamak bolar. Topara iň uzak wagtlap tälim beren hünärmen portugaliýaly meşhur tälimçi Karloş Kueiroş bolup, ol 8 ýyllap toparyň tälimçisi bolýar (100 duşuşyk geçirýär).


Ali Daei

Eýranyň milli ýygyndysynyň oýunçylarynyň birnäçesi Ýewropanyň esasy çempionatlarynda çykyş edýär. Eýranly janköýerler Katar 2022-de Sadegh Moharrami, toparyň kapitany Ehsan Hajsafi, Saeid Ezatolahi, Wahid Amiri, Alireza Jahabahş, Mehdi Taremi, Serdar Azmun, Karim Ansarifard ýaly ýyldyzlara uly ynam bildirýär. Katar 2022-de «B» toparçada çykyş etjek Eýranyň bu toparçada geçirjek duşuşyklary ähli babatda hemmäniň üns merkezinde bolar. Eýranyň ýygyndysy toparçada ilki Angliýanyň, soňra Uelsiň we 3-nji duşuşygynda-da ABŞ-nyň ýygyndysy bilen güýç synanyşar. Toparçada Angliýanyň ýygyndysynyň 1-nji ýeri eýelemegine garaşylýar. 2-nji ýer üçin ABŞ-nyň ýygyndysy sähelçe öňe saýlanýan hem bolsa, Eýranyň ýygyndysynyň-da 1/8 finala çykmak üçin uly mümkinçiligi bar.

**EÝRANYŇ ÝYGYNDYSYNYŇ DUŞUŞYKLARY:**

21-nji noýabr (18:00): **Angliýa – Eýran** («Halifa International», Al Raýýan)

25-nji noýabr (15:00): **Uels – Eýran** («Ahmad bin Ali stadium», Al Raýýan)

29-njy noýabr (00:00): **Eýran – ABŞ** («Al Thumama», Doha)


Serdar Azmun bilen Mehdi Taremi



# Garaşylýan duşuşygyň wagty mälim edildi

**Boks boýunça agyr agramyň iki ägirdi – britaniýaly Antoni Joşua bilen ukrainaly Aleksandr Usygyň arasyndaky haklaşyk tutluşygyň geçiriljek wagty mälim edildi. «Gyzyl deňizdäki gazap» ady bilen guraljak duşuşyk şu ýylyň 20-nji awgustynda Saud Arabystanynyň Jidde şäherindäki «Super Dome» arenada geçiriler. Iki boksçy geçen ýylyň sentýabrynda duşuşyp, 35 ýaşyndaky Usyk WBA-nyň, WBO-nyň, IBF-niň hem-de IBO-nyň çempionlyk guşaklary ugrundaky bu tutluşykda ýeňiş gazanypdy. Usyk karýerasy boýunça geçiren 19 duşuşygynda ýeňiş gazanmagy başardy.**

**32 ýaşyndaky Joşua bolsa 26 gezek ringe çykyp, şolarda 2 gezek ýeňlişe sezewar boldy. Ol 2019-njy ýylda meksikaly Endi Ruiz Juniordan ýeňlipdi. Haklaşyk duşuşygynda garşydaşyny ýeňip, guşaklaryny yzyna alan Joşuanyň 2-nji ýeňlişi Usyk bilen bolan duşuşykda hasaba alyndy.**

# Bir sözlemde...

- Golf boýunça möwsümiň 4-nji uly ýaryşy bolan «Amerika Açykda» angliýaly Mett Fitzpatrik ýeňiş gazanyp, uly ýaryşlardaky ilkinji kubogyny asmana göteren golfçy 122-nji gezek geçirilen ýaryşda 3 million 150 müň dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy.
- Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Berlinde geçirilen «Germaniýa Açyk» çempionatynyň finalynda tunisli Uns Jaber finalyň 2-nji setinde şweýsariýaly Belinda Bençiçiň şikesi sebäpli duşuşykdan çekilmeginden soň çempion boldy we şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 3-nji kubogyny gazandy.
- Tennis boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen «Birmingem Nusgawy» (Beýik Britaniýa) çempionatynda braziliýaly Beatriz Haddad Maia çempion bolup, ol finalyň 1-nji setinde öňde barýarka garşydaşy hytaýly Çžen Şuainiň şikesi sebäpli duşuşykdan çekilmeginden soň ýeňiji diýlip yglan edildi.
- Germaniýanyň Halle şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Açyk» tennis çempionatynda polşaly Hubert Hurkaç çempion bolup, ol finalda russiýaly Daniil Medwedewi 6:1, 6:4 hasaplar bilen ýeňdi we karýerasyndaky 5-nji kubogyny gazandy.
- Erkekleriň arasynda Londonda geçirilen «Queen's Club» tennis ýaryşynyň finalynda italiýaly Matteo Berrettini bilen serbiýaly Filip Kraýnowiç duşuşyp, olaryň birinjisi 7:5, 6:4 hasaplar esasynda ýeňiş gazandy we karýerasyndaky 7-nji çempionlyk kubogyny asmana göterdi.
- Dünýä Kubogynyň iň köp gol geçiren (16 gol) futbolçysy, 43 ýaşyndaky germaniýaly Miroslaw Kloze tälimçilige başlap, ol Awstriýanyň «Raýndorf Altah» toparynyň tälimçiligine bellendi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.






## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

## Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ***Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;***
- ***Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;***
- ***Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;***
- ***Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.***

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer!

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**



**DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY**
**Магазин запчастей для бытовой техники**

**Р Е А Л И З У Е М :**

.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.






**Tel.: 96 07 67**
**865 09 57 67**



## BILDIRIŞ

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň Aşgabatdaky awtoulag kärhanasynyň işgärleriniň gündelik iş tertibini awtomatlaşdyrmak we sanlylaşdyrmak boýunça, degişli ugurda iş alyp barýan edara-kärhanalaryň tekliplerine garaşýar.

Giňişleýin maglumat üçin görkezilen belgilere jaň edip bilersiňiz:
76-04-93; 76-02-56; 76-04-36.






## *GADYRLY OKYJYLAR!*

***«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!***

**INDEKSI 69477.**

***Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!***

